# «TÜRKMENISTANYŇ GURLUŞYGY WE BINAGÄRLIGI» ŽURNALYNYŇ HORMATLY IŞGÄRLERINE WE OKYJYLARYNA!

Sizi «Türkmenistanyň gurluşygy we binagärligi» žurnalynyň ilkinji sanynyň okyjylara gowuşmagy bilen gyzgyn gutlaýaryn. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň esaslandyrmagynda çap edilýän bu žurnal Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň gurluşyk, binagärlik ulgamynda gazanylýan üstünlikleriniň geljekde has-da ýaýbaňlanmagyna ýardam eder.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň gurluşyk pudagy ýokary depginler bilen ösýär. Eziz Diýarymyzda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli maksatnamalara laýyklykda, ýurdumyzyň welaýat we etrap merkezlerinde, şäherlerde, şäherçelerde we obalarda gurluşyk işleri giň gerim bilen alnyp barylýar.

Dünýäniň iň gözel şäherleriniň birine öwrülen paýtagtymyz Aşgabadyň çäkleri täze ýaşaýyş jaýlarynyň, senagat we seýilgäh zolaklarynyň gurulmagy bilen barha giňeýär. Aşgabady ösdürmegiň tapgyrlaýyn gurluşyklarynda döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň we medeni-durmuş maksatly binalaryň gurluşyklary güýçli depgin bilen alnyp barylýar. Paýtagtymyzyň köçeleri häzirki zamanyň talaplaryna laýyk getirilýär, döwrebap köprüler, ýerasty we ýerüsti pyýada geçelgeler gurulýar.

Oba Milli maksatnamasyna laýyklykda, welaýatlardaky täze, döwrebap obalarda we şäherçelerde köp sanly ýaşaýyş jaýlarynyň, medeni-durmuş maksatly binalaryň hem-de inžener ulgamlarynyň toplumlaýyn gurluşygy ýokary depginler bilen alnyp barylýar.

Bu tutumly işlere gatnaşýan telekeçilerimiziň we hususy kärhanalarymyzyň sanynyň barha artmagy has-da guwandyrýar. Olar ýurdumyzda gurluşyk pudagynyň ösmegine uly goşant goşýarlar.

Häzirki döwürde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç alýanlar üçin has amatly şertleri döretmek, ösen syýahatçylyk, sport, söwda-hyzmat ediş ulgamlarynyň, halkara derejesindäki medeni we sport çärelerini geçirmek üçin binalaryň we desgalaryň gurluşygyny giňden ýaýbaňlandyrmak boýunça hem uly işler durmuşa geçirilýär.

Gözel Diýarymyzda ýerli çig maldan öndürilýän gurluşyk we timarlaýyş materiallarynyň görnüşleriniň köpelmegi gurluşyk pudagynyň kuwwatyny has-da artdyrmaga we pugtalandyrmaga mümkinçilik berýär.

Gurluşyk pudagynyň esasy wezipeleriniň biri hem ýokary hilli we köp möçberli gurluşyk materiallaryny öndürýän täze kärhanalary gurmakdan, işläp gelýän kärhanalaryň durkuny täzelemekden, önümçilige täze tehnologiýalary we enjamlary ornaşdyrmakdan ybaratdyr.

«Türkmenistanyň gurluşygy we binagärligi» žurnalynyň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gurluşyk pudagynyň gazanýan üstünliklerini dünýä ýaýmakda, ýurdumyzyň gurluşyk taslamalaryny bilelikde amala aşyrmagyň meselelerini ara alyp maslahatlaşmakda, özara tejribe alyşmakda uly ähmiýetiniň boljakdygyna berk ynanýaryn.

Sizi «Türkmenistanyň gurluşygy we binagärligi» žurnalynyň ilkinji sanynyň çap edilmegi bilen ýene bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.**

TGweBM
TÜRKMENISTANYŇ GURLUŞYK WE BINAGÄRLIK MINISTRLIGI

# ÝURT PARAHAT, IL-GÜN BOLSUN ABADAN!

Türkmen taryhyna altyn harplar bilen ýazylyp, kalbymyza şatlyk nuruny çaýjak Täze ýyl başlandy. Halkymyzyň arasynda ýaýran ynanja görä, Täze ýyly nähili garşy alsaň, ýylyň tutuş dowamy hem şeýle geçýär diýilýär. Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzyň çar künjeginde, her bir döwletli ojakda uly şatlyk bilen garşy alnan Täze ýylyň ata Watanymyzy, egsilmez ruhubelentligi ýaran edinen bagtyýar halkymyzy täze üstünliklere, täze başlangyçlara, täze sepgitlere beslejekdigi baradaky aýdyň hakykat kalbymyzda çäksiz buýsanç döredýär. Täze ýylyň—Bitaraplyk we parahatçylyk ýylynyň ilkinji günlerinden başlap, bagtyýar halkymyzyň durmuşy uly ruhubelentlige beslenýär.

Türkmen bitaraplygy öz gözbaşyny halkymyzyň milli özboluşlylygynyň çuňňur köklerinden alyp gaýdýar. Türkmen halkyny pederlerimizden nusga bolup galan açyklyk, ynsanperwerlik, dost-doganlyk gatnaşyklary, özara düşünişmek we ynanyşmak, sabyr-takatlylyk ýaly ajaýyp häsiýetler bezeýär. Halkymyza mahsus bolan bu ajaýyp häsiýetler bizi dünýä halklary bilen dostlaşmagymyza, düşünişmegimize, daşary döwletler bilen dürli ugurlarda hyzmatdaşlyklaryň ösdürilmegine, baky Bitaraplyk hem parahatçylyk ýoly bilen belent sepgitlere ýetmegimize alyp barýar. Baky Bitaraplyk halkymyzyň milli guwanjydyr we mertebesidir. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan bitaraplyk syýasaty, dost-doganlyk ýörelgeleri esasynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň bitaraplyk derejesi has-da pugtalanýar. Ata Watanymyzyň bitaraplyk hukuk ýagdaýyna bütin dünýäde uly hormat goýulýar.

Şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegine 20 ýyl dolýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda geçen ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Lebap welaýatynda bolup geçen nobatdaky maslahatynda 2015-nji ýyl Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly diýlip yglan edildi. Bu ata Watanymyzyň parahatçylyksöýüjilikli, ynsanperwer syýasatynyň dünýä ýüzünde dabaralanýandygynyň ýene-de bir nyşany bolup, könüllerde uly buýsanç döretdi.



Nesip bolsa, ýüreklere şatlyk paýlap, kalbymyzy çäksiz buýsanja beslän Bitaraplyk we parahatçylyk ýylynda halkymyz baky Bitaraplygymyzyň 20 ýyllygynyň şanly toýuny halkara derejesinde uludan belläp geçer. Garaşsyz Diýarymyzyň ähli ýerinde bu şanly sene hem-de Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly mynasybetli dürli dabaraly çäreler, ylmy maslahatlar, iri forumlar, sergi-ýarmarkalar geçiriler. Şeýle baýramçylyk çäreleri ýurdumyzyň çäginden daşarda hem yzygiderli gurnalar. TÜRKSOÝ-yň halkara guramasy tarapyndan 2015-nji ýylda Mary şäheriniň türki dünýäsiniň medeni paýtagty diýlip yglan edilmegi mynasybetli ýurdumyzda dabaralanjak çäreler Bitaraplyk we parahatçylyk ýylynyň täsirliligini has-da artdyrar.

Bu gün hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda türkmen halkynyň bagtyýarlygyny ata Watanymyzyň Garaşsyzlygynda, baky Bitaraplygynda, ýurdumyzyň asudalygynda, il-günüň abadan durmuşynda görýäris. Goý, mähriban Prezidentimiziň saýasynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyz parahat, il-günümiz abadan bolsun!

**«Türkmenistanyň gurluşygy we binagärligi» žurnalynyň döredijilik topary.**



# TÜRKMEN BINAGÄRLIGINIŇ BEÝIK BINAGÄRI



Her döwrüň öz pelsepesi, durmuşda öňe tutýan maksatlary bolýar. Şol belent maksatlar amala aşan mahaly, şol döwrüň taryhyna altyn harplar bilen ýazyljak beýik özgerişler, bagtyýarlyk eýýamy döreýär. Taryhda şol beýikligiň döremegi üçin kalby, durky bilen ile-güne hyzmat edýän beýik ynsanyň bolmagy gerek.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri türkmen halkynyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyljak şol ajaýyp eýýamdyr.

Men döredijilik iş tejribäm boýunça indi ençeme ýyl bäri hormatly Prezidentimiziň yzygiderli geçirýän mejlislerdir ýygnaklaryny köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly okaýaryn. Şonda bir zada anyk göz ýetirdim. Indi ençeme ýylyň içidir, hormatly Prezidentimiziň geçirýän her bir ýygnagynda ýurdumyzyň gurluşyk ulgamyna degişli haýsydyr bir meseläniň üstünde durman geçýän gezegi ýok.

Indi ençeme ýyl bäri Türkmenistanda alnyp barylýan ähli gurluşyk işlerine öz ýiti paýhasy, uçursyz zehini, irginsiz yhlasy bilen badalga berýär. Muňa mysal edip, biziň gözümiziň alnynda ak mermere öwrülen Aziýanyň iň owadan, iň bir ajaýyp şäherleriniň biri bolan Aşgabady aýtsa bolar.

Aşgabada ýöne ýere Aziýanyň merjeni diýlenok. Aşgabat häzirki döwürde ajaýyplygy, gözelligi we sazlaşykly ösýänligi bilen dünýäniň ünsüni özüne çekýär.

Aşgabat barada näçe aýtsaň-da, bärden gaýdýar. Bu gün gözel Aşgabat Ginnesiň rekordlar kitabyna girýän desgalary bilen dünýä jemgyýetçiligine özüni tanatdy.

Aşgabat dünýäde ak mermer bilen örtülen binalaryň köp toplanan şäheri hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabynda hasaba alyndy. Olar:

**Beýikligi 133 metre ýetýän Ýaşyl baýdagymyzyň sütüni.**

**«Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň synlaýyş aýlawy.**

**«Türkmenistan» Teleradioýaýlymlar merkezindäki Oguz hanyň ýyldyzy.**

**Aşgabadyň suw çüwdürimli binýatlaýyn ýadygärlik toplumy.**

**Äpet türkmen halysy.**

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen her ýylyň maý aýynyň 25-i Aşgabat şäheriniň güni diýlip, baýram edip bellenilmegi hem eziz Arkadagymyzyň ak mermerli Aşgabada söýgüsiniň näderejede beýikdigini aňladýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyz ägirt uly gurluşyk meýdanyna öwrüldi. Ýurdumyzyň her bir oba-kendini gurşap alan gurluşyklar bu günki Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk mukamyna öwrülip, il-günümiziň göwünlerini galkyndyrýar. Şol sebäpli hormatly Prezidentimize **Türkmenistanyň at gazanan Arhitektory diýen** belent adyň dakylmagy her bir türkmen raýatynyň kalbynda uçursyz şatlyk, eziz Arkadagymyza bolan buýsanç döretdi. Hawa, **«Meniň ähli aladam halkym bolar»** diýýän eziz Arkadagymyz türkmen binagärliginiň beýik ussadydyr, beýik arhitektorydyr.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe paýtagtymyz Aşgabadyň keşbini özgertmek, ony dünýäniň iň owadan şäherleriniň hataryna goşmak Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. **«Biz berkarar Watanymyzyň ak mermerli paýtagty Aşgabadyň döwrebap şäherleriň birine öwrülmegi üçin ýene-de köp-köp işleri durmuşa geçireris»** diýmek bilen, döwlet Baştutanymyz bu ugurda ägirt uly taslamalaryň amala aşyrylmagyna giň mümkinçilikleri döretdi.

Özgertmeler ýolunda ösýän-özgerýän paýtagtymyzy has-da gözel keşbe eýe etmek, merkezde täze binalary, ýaşaýyş jaýlaryny gurmak, netijede Aşgabadyň gaýtalanmajak binagärlik keşbini emele getirmek dogrusyndaky meýilnamalaýyn işler hormatly Prezidentimiziň hemişelik aladalary bilen gurşalandyr. Muňa Gahryman Arkadagymyzyň paýtagtymyzyň keşbini düýpgöter özgertmek bilen baglanyşykly yzygiderli amala aşyrýan iş sapary hem şaýatlyk edýär. Döwletli işlere beslenýän saparyň çäklerinde milli Liderimiz dikuçaryň üstünden Aşgabatda we onuň töwereklerinde alnyp barylýan gurluşyk işleri bilen tanşyp, durmuş-medeni ähmiýetli täze desgalaryň taslamalaryna garaýar.

Ajaýyp döwrümizde işlemäge, ýaşamaga, döretmäge, gurmaga diýseň amatly şäherleriň biri hökmünde ykrar edilen Aşgabat hemişe dünýä jemgyýetçiliginiň üns merkezinde. Paýtagtymyz ýurdumyz boýunça alnyp barylýan gurluşyklaryň gerimi taýyndan durmuşyň iň ýokary ülňülerini üpjün etmäge gönükdirilendir. Gaýtalanmajak binagärlik keşbi bilen Ginnesiň rekordlar kitabynda orun alan paýtagtymyzyň geljegi nazarlaýan gurluşyklary gün-günden giň gerime eýe bolýar.

Şu ýerde bir zady aýratyn nygtamak zerurdyr. Ol hem gurulýan desgalaryň, ilkinji nobatda, ýaşaýjylara amatly bolmagynyň göz öňünde tutulýanlygydyr. Gurulýan köp gatly ýaşaýyş jaýlarynyň birinji gatynda dürli harytlaryň satylýan dükanlaryň bolmagy, binalara ýanaşyk we golaý ýerlerde lukmançylyk nokatlarynyň, çagalar baglarynyň, ak mekdepleriň, dermanhanalaryň, sport meýdançalarynyň, durmuş-tehniki hyzmatlarynyň ýola goýulýandygy munuň aýdyň güwänasydyr.





Döwlet Baştutanymyz paýtagtymyzyň gurluşyk meýdançalarynyň üstünden uçuşy amala aşyrýan pursadynda adamlaryň eşretine gönükdiriljek her bir möhüm işiň durmuşda beýan tapmagynyň zerurdygyny belleýär. Ol işleriň hatarynda adamlaryň uzak ömür sürmegini we ruhubelentligini üpjün etjek sport-medeni desgalar hem bar. Şeýle desgalaryň naýbaşysy hökmünde paýtagtymyzyň iň gözel ýerinde bina edilýän Olimpiýa şäherçesini görkezmak bolar. Bu ajaýyp şäherçede 2017-nji ýylda milli Liderimiziň başlangyjy bilen V Aziýa oýunlarynyň ýaryşy badalga alar.

Ýene bir zady guwanç bilen bellemelidiris. Ol – uly ähmiýete eýe bolan şähergurluşyk maksatnamasynyň çäklerinde paýtagtymyzda dowam edýän gurluşyklarda paýtagtlylaryň we onuň myhmanlarynyň döwrebap dynç almagyna hem zerur şertleriň döredilýänligidir. Ýylyň bütin dowamynda gök öwüsýän bag-bakjalar bilen örtülen seýilgähler, göwünlere aram beriji suw çüwdürimleri, çagalar üçin şüweleňli oýunlaryň meýdançasy munuň aýdyň mysalydyr. Paýtagtlylar uzak gününiň iş-aladalaryndan soň, jana şypa beriji ol ýerlerde dynç alyp, her demde özleri üçin şeýle amatly durmuş ýaşaýşyny üpjün edýän eziz Arkadagymyza hoşallyk bildirýärler.

«Beýiklik uzaklardan görünýär» diýýärler. Bu, hakykatdan-da, şeýle. «Oguzhan» köşkler toplumy, Garaşsyzlyk binasy, dag gerişlerinde nur saçýan Teleminara, «Älem» medeni dynç alyş merkezi, Oguzhan suw çüwdürimler toplumy, Bagt köşgi ýaly onlarça binalar aýdylanlara doly tassyknamadyr. Depesi bagtyýar günlerimiziň çogly güneşi bilen öwşün atýan bu kaşaň binalar ençeme menzil uzaklardan görnüp, kalplarymyzda buýsançly duýgulary oýarýar. Onsoň, biz hemişe bu işleriň gözbaşynda duran Gahryman Arkadagymyza uzak ömür, egsilmez rowaçlyklary arzuw edýäris.

**Ogulgözel ŞAGULYÝEWA, žurnalist.**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW:**

**— Ýokary attestasiýa komitetli aspiranturanyň we doktoranturanyň akademiki institutyny täzeden dikeltmek bilen, biz döwletimiziň ylmyny özgertmegiň toplumlaýyn maksadyndan ugur alyp, ylmy işgärler bilen hemmetaraplaýyn üpjün etmegi we ony hakyky öndürijilikli güýje öwürmegi maksat edinýäris.**

# SEÝSMIKA DURNUKLY GURLUŞYGY ÖSDÜRMEGIŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARY

Şu gün ylmyň ösüşi biziň döwletimiziň syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şol sebäpli, biziň hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň aýdyşy ýaly: **«Biz düýpli we ylmy-amaly barlaglaryň netijelerini önümçilige ornaşdyrmagy özümize maksat edinmeli. Şol maksatlarda ykdysadyýetiň we durmuşyň özüniň ileri tutulýan ugurlarynyň çäginde Türkmenistanyň şertlerini we aýratynlyklaryny hasaba almak bilen, ýurduň ähli ylmy-tehniki potensialyny, ylmyň ähli güýçlerini pudagyň anyk meselelerini çözmeklige ugrukdyrmak meýilleşdirilýär».**

Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygynda döwletde ýaýbaňlandyrylan möhüm özgertmeleriň baş maksady — döwleti ösdürmegiň hususanda, nazary ylmy önümçilikde özleşdirmekden, täze, öňdebaryjy ýollaryna geçmekden ybarat bolup durýar. Geçirilýän özgerişlikler, ilkinji nobatda, milli ylmy galkyndyrmaga we onuň tutýan ornuny berkitmäge ugrukdyrylýar. Belli bolşy ýaly, seýsmiki aktiw zolaga degişli bolan Türkmenistanyň çäginde gurluşyk işleriniň uly depginler bilen alnyp barylmagyny nazara almak bilen, ylmy bilimleriň toparynda seýsmika durnukly gurluşyk baradaky ylma aýratyn orun berilýär.

2009-njy ýylyň 12-nji iýuny Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň işiniň ikinji gezek badalga alan güni hökmünde hasaplanyp bilner. Sebäbi hut şol günden başlap institut ýene-de özbaşdak ylmy-barlag instituty hökmünde işläp başlady. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň dikeldilmegi galkynýan ylym, bilim, medeni we adaty gymmatlyklaryň hatarynda ýene bir möhüm waka boldy. Ondan başga-da, institutyň döredilmegi häzirki döwürde ýurduň ylmyny geljekde ösdürmegiň we seýsmika durnukly gurluşygyň ugrunda geçirilýän ylmy-barlag işleriň netijelerini tejribede ulanmagyň meselelerine berilýän berk gözegçiligiň subutnamasy bolup durýar.

Türkmenistanyň şäherleriniň taryhy döwürden bäri ösüp gelýän infragurluşy seýsmiki aktiw sebitlerini geljekde ulanmakdan, özleşdirmekden we ösdürmekden boýun gaçyrmaga mümkinçilik bermeýär. Türkmenistanda ýaşaýyş we jemgyýetçilik binalarynyň uly göwrümlerde gurulmagy, durmuş-medeni maksatly desgalaryň, ulag ýollarynyň gurluşyklarynyň göwrümleriniň artmagy seýsmiki we gidrogeologiýa ýagdaýlaryny seljermek we olara baha bermek boýunça ulgamlaýyn işleriniň geçirilmegini talap edýär. Seýsmika durnukly gurluşygyň ugrundaky hünärmenleriň öňünde seýsmiki işjeň zolaklarda ýaşaýan ilata we ondaky desgalara ýer titremeleriň ýetirýän zyýanyny azaltmaga mümkinçilik berýän seýsmiki goragy üpjün etmek barada anyk mesele goýuldy.



Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň amaly işi taslamaçylar we gurluşykçylar bilen bilelikde işleşmekden jemlenýär. Türkmenistan özüniň ýokary seýsmikliginden daşary gurluşy boýunça durnuksyz topragynyň bolmagy bilen häsiýetlenýär. Ýokary seýsmiklik we topraklaryň aýratynlygy töweregiň esaslaryny gurluşyk işleri üçin taýýarlamakda uly kynçylyklary döredýär. Şonuň üçin taslama işleriniň tejribesinde desganyň seýsmika durnuklylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen emeli esaslary taslama etmek pikiri döredi. «Jaýlaryň we desgalaryň seýsmika çydamlylygy» barlaghananyň hünärmenleri gurulýan desgalara ýetirilýän seýsmiki täsirleri pese düşürmek üçin emeli esaslary inženerlik taýdan taýýarlamak işlerini kämilleşdirmegiň ugrunda hödürnamalary işläp taýýarlamak boýunça wajyp meseleleri öz öňlerinde goýýarlar we olary çözýärler. Emma bu olaryň işleriniň diňe bir bölegi. Şeýle hem olar Türkmenistandaky we welaýatlardaky binalaryň hem-de desgalaryň tehniki ýagdaýlarynyň barlagyny geçirmek bilen meşgullanýarlar we hereket edýän kadalaryň we düzgünleriň esasynda desgalaryň seýsmika durnuklylygyna baha berýärler.

Täze şäherler we obalar, binalar we desgalar, ýollar we olary abadanlaşdyrmagyň ulgamlary — bu sebitde we ýurtda hojalyk işleriniň nähili derejede alnyp barylýandygynyň esasy alamatlarydyr. Milli ykdysadyýetde olaryň ähmiýetine anyk baha bermek kyn. Emma döwletimiz tarapyndan berilýän üns diňe gurluşyk işleriniň ýokary hilde alnyp barylmagyna we desgalaryň öz wagtynda tabşyrylmagyna däl-de, gurluşyk tejribesindäki gurulýan desgalaryň ygtybarlygyny we uzak ulanylyş möhletini üpjün etmek, täze tehnologiýalaryň esasynda täze gurluşyk materiallary işläp düzmek we ulanmak ýaly beýleki möhüm meseleleriň çözülmegine ugrukdyrylandyr.

Biziň döwletimiziň uly çig mal binýady bar we tebigy baýlyklaryň arasynda gurluşyk materiallaryny öndürmek üçin ýaramly bolan mineral we esasy çig maly bar. Şu günki gurluşyk materiallaryny ýerli çig malyň esasynda öndürýän täze zawodlar ýurduň ähli sebitlerinde diýen ýaly işleýär. Emma ylmy pikirler çäksiz bolýar. Bu ugur boýunça institutyň alymlarynyň aýdara zady kän. Institutyň «Asfalt materiallary» we beýleki barlaghanalarynyň hünärmenleri tarapyndan ýokary hilli has berk materiallaryň we gurnaw elementleriniň önümçiliginde ýerli mineral we organiki çig maly, betonlaryň hilini gowulandyrmak maksady bilen toplumlaýyn goşundy hökmünde



täze tehnologiýalary işläp düzmek boýunça bir topar işler ýerine ýetirildi. Şeýle-de gurluşyk materiallarynyň önümçiliginiň giňelmegi hem-de önümçiligiň galyndylaryny ulanmak bilen gurluşyk materiallary taýýarlananda täze tehnologiýalary işläp düzmegiň meseleleri çözülýär.

«Beton we demirbeton» we «Jaýlaryň we desgalaryň posa garşy goragy» barlaghanalarynyň hünärmenleri gurluşyk materiallarynyň posa garşy häsiýetlerini kämilleşdirmek, gurluşyk desgalaryny we materiallaryny poslamakdan goramagyň täze tehnologiýalaryny işläp düzmek bilen baglanyşykly meseleleri öz öňlerinde goýýarlar.

«Gurluşyk materiallarynyň häsiýetleriniň barlagy» barlaghanasy «Türkmenstandartlary» BDG-y tarapyndan Halkara sertifikatlaşdyryş ulgamynda akkreditasiýa ugrunda materiallaryň sertifikasiýa we araçylyk barlaglaryny geçirmek hukugyny almak boýunça akkreditatlaşdyrylan döwletde ýeke-täk barlaghana bolup durýar. Ähli barlaghanalaryň geçirýän barlaglarynyň döwletimiz üçin uly ähmiýeti bar. Ýurduň beýleki şäherleriniň gurluşyk meýdançalaryna hemişeki iş saparlar institutyň hünärmenleriniň tejribesinde adaty iş bolup durýar.

Institutda ägirt ylmy potensial döredildi, olaryň ylmy işleri Türkmenistanyň işlenip düzülýän gurluşyk kadalarynyň, gurluşygy guramak boýunça gözükdirijileriň esasyny düzýär. Olaryň ylmy barlaglary esasynda ýazan ylmy işleri döwletimizde çap edilýän we daşary ýurduň ýöriteleşdirilen žurnallarynda köp gezek neşir edildi we edilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Ylmy işgärleri taýýarlamak baradaky» Kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen institutda «Gurluşyk materiallary we önümleri», «Gurluşyk gurnawlary, jaýlar we desgalar» we «Esaslar we binýatlar, ýerasty desgalar» ýaly hünärler boýunça aspirantura we doktorantura açyldy.

Türkmenistanyň ylmyny, tehnologiýasyny we tehnikasyny ösdürmäge hem-de seýsmika durnukly gurluşygyň ylmy maksatnamalaryny we taslamalaryny ulanmaga, häzirki döwrüň ylmy-barlaglaryny geçirmek üçin infragurluşy ösdürmäge, şeýle hem döwletde we daşary ýurtda ykrar edilip, eýýäm hereket edýän ylmy mekdepleri güýçlendirmäge we täzelerini döretmäge ugrukdyrylan ylmy-barlaglaryň derejesini



ýokarlandyrmak we innowasiýa ulgamyny ösdürmek üçin institut tarapyndan internet-saýt açyldy, onda institutyň gurluşy we meseleleri, ylmy işi, gurluşygyň täzelikleri görkezilýär.

Institutyň ýolbaşçysynyň öňünde barlag işlerini guramak boýunça ulgamy kämilleşdirmek we ylmy-barlag işlere höwes döretmek babatynda möhüm mesele durýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny» durmuşa geçirmek maksady bilen öňde duran meseleleri hem-de ylym we bilim ugrundaky döwlet syýasatynyň esasy ýörelgelerini çözmek düýpli we amaly ylmy-barlaglaryny üstünlikli çözmegiň girewi bolup durýar.

**Indalip ILÝASOW,**
**Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň direktory, tehniki ylymlarynyň kandidaty.**





# «BERKARAR» SÖWDA – DYNÇ ALYŞ MERKEZI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň her bir güni eziz halkymyz üçin ýatdan çykmajak ajaýyp wakalara beslenýär. Ýurdumyz bary-ýogy sanaýmaly wagtyň içinde gurluşyklaryň mekanyna öwrüldi. Aziýanyň merjeni hasaplanylýan Aşgabat gözel-gözel ymaratlary bilen bu günki gün görenleri özüne maýyl edýär.

2014-nji ýylda hem ýurdumyzda täze gurlan medeni-durmuş maksatly binalaryň, edara-kärhanalaryň, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaý toplumlarynyň, obadyr şäherçeleriň ençemesiniň açylyşy boldy. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen açylyp ulanylmaga berlen her bir bina halkyň abadan, eşretli ýaşamagyna, islemegine, döretmegine kepil bolup durýar.

Ynha, açylyşlara baý bolan dekabr aýynyň iň soňky ongünlüginde açylyp ulanylmaga berlen «Berkarar» Söwda-dynç alyş merkezini hem bu günki gün görmäge göz, taryp etmäge söz gerek.

Eziz Arkadagymyz türkmen telekeçiliginiň ösmegine uly ýardam berýär. Hormatly Prezidentimiz: **«Telekeçilerimiziň öndüren ýokary hilli önümleri, guran ajaýyp binalary, haryt bazarynyň bolçulygyny döretmekde bitiren işleri bizi guwandyrýar»** diýmek bilen türkmen gurluşykçy telekeçileriniň alyp barýan işlerine hem ýokary baha berýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça 2011-2015-nji ýyllar üçin döwlet maksatnamasyny» ýerine ýetirmek maksady bilen 2012-nji ýylda gol çeken Kararyna laýyklykda Aşgabat şäheriniň 10 ýyl abadançylyk we Atatürk köçeleriniň çatrygynyň günorta tarapynda, 17,5 gektarlyk meýdanda ägirt uly Söwda we dynç-alyş merkezi açyldy. Täze ýyl baýramynyň öňüsyrasynda hormatly Prezidentimiziň hut özüniň ak pata bermegi bilen açylan bu bina Aşgabadyň gözelligine gözellik goşdy. Täze ýylyň ýüz-müň dürli öwüşginlerine beslenen Aşgabadyň



boýnuna göwher monjuk dakylana meňzedi. Bu ajaýyp bina gözelligi hem marketing ugrundan iň soňky gazananlary özünde jemleýär.

Söwda-dynç alyş merkeziniň gurluşyk işlerini Türkmenistanyň senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary bolan «Gujurly inžener» hojalyk jemgyýeti, «Hilli», «Belent jaý», «Beýik bina» hususy kärhanalaryndan ybarat bolan konsorsium alyp bardy. Milli gurluşykçy telekeçilerimiziň uçursyz yhlasy, irginsiz zähmeti bilen kemala gelen dünýä ülňülerine laýyk gelýän bu äpet Söwda-dynç alyş merkezi paýtagtlylaryň hem-de onuň myhmanlarynyň iň söýgüli ýerleriniň birine öwrüler.

Bu Söwda-dynç alyş merkezi döwrebap söwda hyzmatlary bilen tapawutlanýar.

Söwda merkeziniň ertekilerdäki wasp edilýän bagy-bossanlyga, gül-gülzarlyga beslenip oturmagy, oňa dynç almaga we söwda etmäge gelen her bir müşderini biparh goýmaz.



Bu bina dört gatly Söwda-dynç alyş binasyndan, on iki gatly kaşaň Işewürlik merkezinden, ýapyk we açyk görnüşli awtoduralgalardan we tehniki binalardan ybarat bolup durýar.

Binanyň umumy meýdany 140 000 m² barabar bolan bu Söwda-dynç alyş merkezinde dükanlaryň 340-dan gowragy müşderilere öz gapysyny giňden açdy. Ak mermerli Aşgabadyň görküne görk goşan bu ajaýyp binanyň birinji we ikinji gatlarynda ýokary hilli egin-eşikleriň we halkyň sarp edýän dünýä belli brendli harytlarynyň söwdasy ýola goýlupdyr. Binanyň üçünji gaty oňa baranlary täsinlikler dünýäsine alyp gidýär. Umumy meýdany 400 m² bolan buz meýdançasy ýylyň ähli paslynda çagalaryň söýgüli ýerine öwrüler. Bu ýerde kino muşdaklarynyň hem öz söýgüli kino gahrymanlarynyň oýnan keşplerine tomaşa etmekleri üçin iki sany 60 orunlyk, bir sany 3D görnüşdäki 60 orunlyk, bir sany 5D görnüşdäki 8 orunlyk we bir sany 8 orunlyk (VIP) kinoteatrlar ýerleşýär. Bulardan başga-da bu gatda bouling zaly, dürli ýaşly çagalara niýetlenen köp görnüşli häzirki zaman attraksionlar, gelin-gyzlara niýetlenen gözellik salonlary, fitness meýdançasy şeýle hem dürli görwümdäki restoranlar we kafeler gelen müşderilere hyzmat edýär.

Enjamlaşdyrylyşy boýunça dünýä ülňülerine laýyk gelýän Söwda-dynç alyş merkeziniň binalar toplumynda häzirki zaman binagärlik sungatynyň öňdebaryjy tilsimatlary ajaýyp beýanyny tapypdyr. Munuň özi türkmen gurluşykçylarynyň: arhitektorlarynyň, konstruktorlarynyň we inženerleriniň hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründäki gazanan şanly ýeňşidir.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüni dünýä ýüzüne ýene bir ýola dabaralandyrjak bu Söwda-dynç alyş we Işewürlik merkezlerinde Ýewropanyň we Aziýanyň dünýä belli iri kompaniýalarynyň öňdüren enjamlarynyň we tehnologiýalarynyň oturdylmagy oňa gelýän adamlaryň rahat söwda etmäge, telekeçilik bilen meşgullanmaga, maşgalalary we dost-ýarlary bilen derejeli dynç almaga ähli mümkinçilikleri döredýär. Bu ýerde 6 sany panorama liftleri, 19 sany dürli görnüşdäki liftler, 32 sany eskalatorlar, mahabat, habar beriş we bezeg maksatlary üçin niýetlenen ululy- kiçili köp sanly monitorlar, bank petekleri arkaly hasaplaşyk ulgamlary, ýöriteleşdirilen taksi hyzmatlary, 1300 awtoulaga niýetlenen açyk we ýapyk görnüşli duralga, awtoýuwalga we ýag çalşylýan nokat ýokarda aýdylanlaryň aýdyň subutnamasydyr. Söwda-dynç alyş merkeziniň gözelligine gözellik goşýan ýşyklandyrylan, mahmal owazly suw çüwdürimler bu ýerdäki täsinlikleriň üstüni ýetirýär.

Eziz Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda gurlup ulanylmaga berlen «Berkarar» Söwda-dynç alyş merkezi hem Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň senenamasynyň altyn harplar bilen ýazyljak ýazgylarynyň birine öwrüldi.

**Maýa RAHMANOWA, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk Ylmy-barlag institutynyň alym kätibi.**







# ASYRYŇ ÄGIRT DESGASY

Ýol, köpri gurmak pederlerimizden dowam edip gelýän sogaply işleriň biri. Halkymyzyň arasynda «Ýol baran ýere, il barar» diýen ýörgünli pähim bar. Nireden ýol geçse, goý ol giden sähralyk bolsun, düzlük ýa-da çöllük bolsun, şol ýerde-de ýaşaýyş başlanýandyr. Bu hakykata hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gurulýan aýna ýaly gara ýollaryň, deňiz we derýa, polat ýollarynyň mysalynda aýdyňlygy bilen göz ýetirmek bolýar.

Ynha, türkmen döwletini dünýä tanadan Baky Bitaraplygymyzyň 19 ýyllyk baýramçylygynyň öňýanynda açylan Gazagystan—Türkmenistan—Eýran demir ýoly hem mähriban Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen täze taryhy eýýamda gurlan ajaýyp desgadyr. Mähriban Prezidentimiziň halkymyz barada edýän bimöçber aladalarynyň nyşany hökmünde, bu aýdylanlar hakykat ýüzünde äşgär boldy. Gysga döwrüň içinde ägirt uly işler edilip, Bereket demir ýol bekedinden başlap, Gyzylgaýanyň üstünden Gazagystan bilen döwlet serhedine çenli 500 kilometr aralykdaky ýol guruldy. Umumy uzynlygy 900 kilometre ýetýän bu demir ýoluň iň uzyn bölegi biziň ýurdumyzyň çäginden geçýär. Onuň iň uzyn böleginiň, ýagny gapdal şahalary bilen bilelikde 825 kilometriniň türkmen demirýolçulary tarapyndan gurlandygy buýsandyrýar. Möhüm ýoluň gurluşygynda türkmen demirýolçulary ähli mümkinçilikler, zerur bolan tehnikalar bilen doly üpjün edildi. Şol döredilen şertler, tehnikalar bilen üpjün edilmegi, gurluşygy bökdençsiz alyp barmaga uly mümkinçilikler döretdi.

Türkmen taryhyna altyn harplar bilen ýazylan, asyryň ägirt desgasy bolan Gazagystan—Türkmenistan—Eýran demir ýolunyň açylyş dabarasyna üç dostlukly döwletiň Baştutanlary gatnaşdy. Türkmen, gazak, eýran baýdaklaryny täç edinen otlynyň gapdaly bilen ahalteke bedewlerine atlanan ýigitleriň hatary açylyş dabarasynyň şatlyk-şowhunyny has-da artdyrdy. Bu dabaranyň many-mazmuny milli däp-dessurlarymyz bilen utgaşyp, ak öýleriň öňünde toý uludan tutuldy. Toý gazanlary gaýnap, toý saçaklaryny dürli milli tagamlar bezedi. Ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň aýdym-sazly çykyşlary, dürli milli oýunlary dabara gatnaşanlarda aýratyn gyzyklanma döretdi. Beýik Ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşen bu polat ýol diňe bir Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösmegine, türkmen halkynyň bähbidine hyzmat etmek bilen çäklenmän, eýsem, sebitiň we dünýäniň ösüşinde hem möhüm ähmiýete eýedir. Geljekde dünýä döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryň, ýurdumyzda bazar gatnaşyklarynyň, telekeçilgiň giň gerim bilen ösdürilmeginde bu polat ýolunyň möhüm orny eýelejekdigine berk ynanýarys. Ol sebitdäki we onuň çäkleriniň daşyndaky umumy ýagdaýa oňyn täsirini ýetirmekde, Aziýada durnuklylygyň we ösüşiň pugtalandyrylmagyna, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryna ýardam bermekde hem möhüm ähmiýetlidir.

Möhüm ähmiýetli polat ýoluň ýurdumyzyň çäginden geçýän böleginiň gurluşygynda demirýolçular bilen birlikde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary bolan «Muhammet-Balkan», «Polat gurluşyk» hojalyk jemgyýetleriniň, «Dürli ýaz», «Çeper gurluşyk», «Ösüş gurluşyk» hususy kärhanalarynyň gurluşykçylary hem yhlasly zähmet çekdiler. Olar Etrek, Akýaýla, Balguýy, Akjadepe, Madaw, Döwletýar demir ýol menzilleriniň gurluşygyny alyp bardylar. Şeýle-de bu ýerde teplowozlara we wagonlara tehniki taýdan hyzmat etmek üçin deponyň, agyr ýükli konteýnerleri kabul etmek we ugratmak üçin ýükleýiş-düşüriş meýdançalarynyň, gümrük, arassaçylyk – epidemiologiýa, serhet gulluklarynyň dolandyryş binalary, köprüler, demir ýol pudagynyň işgärleriniň maşgalalary üçin oňaýly ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşyklary alnyp baryldy. Demirýol menzilleriniň we beýleki desgalaryň gurluşygynda milli binagärlik ýörelgeleri bilen birlikde häzirki zaman oňyn tejribeler hem peýdalanyldy. Desgalaryň ýanaşyk ýerleri doly abadanlaşdyrylyp, bagy-bossanlyga büreldi. Döwrebap ýaşaýyş jaýlarynda türkmen maşgalasyna mahsus bolan ähli şertleriň göz öňünde tutuldy.

Hormatly Prezidentimiziň bimöçber aladalary bilen Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe gadymy türkmen topragyndan dünýäniň çar tarapyna uzaýan dost-doganlyk ýolunyň gerimi barha giňeýär. Halklaryň arasyndaky hoşniýetli dost-doganlyk gatnaşyklarynyň nyşanyna öwrülen bu ýol arkaly daşary döwletler bilen dürli ugurlar boýunça gatnaşyklarymyz ýygjamlaşar. Ýurtlar arasynda dürli görnüşli ýükler daşalyp, ak bazarlarymyzyň haryt bolçulygy öňküden-de gowulanar. Halkymyzy eşretli zamana ýetirip, Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzy durmuş-ykdysady taýdan depginli ösdürmek, halkymyzyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak ugrunda yzygiderli alada edýän mähriban Prezidentimize tüýs ýürekden alkyşlar ýagýar.

**Sähragül GAJYMOWA, žurnalist.**



# TÄZE ZAMAN — BAGTYÝARLYK MEKANY



Mähriban Prezidentimiziň pähim-parasaty, öňdengörüjilikli syýasaty bilen Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ata Watanymyz bedew batly ösüş-özgerişlere beslenýär, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşy gün-günden gözelleşýär. Döwlet Baştutanymyzyň: **«Oba ilatynyň şäheriňkiden pes bolmadyk şertlerde ýaşamagy üçin zerur şertleri dörederis»** diýen sözleri göwünlerimize ganat bekleýär. Bu ganatly sözleriň, milli Liderimiz tarapyndan amal edilýän beýik işleriň beýany bolup, şäherlerimiziň, oba-kentlerimiziň keşbi ertekilerdäki ýaly ajaýyp görnüşe girýär. **«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň»** üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň çäklerinde welaýatlarda, etraplarda, oba-kentlerde gurulýan köp sanly medeni-durmuş maksatly binalar, döwrebap ýaşaýyş jaýlary, täze obalar hormatly Prezidentimiziň **«Döwlet adam üçindir!»** diýen baş ýörelgesiniň miweleridir.

Türkmen obasyny toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmak Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu babatdan hormatly Prezidentimiziň her welaýatyň bir etrabynda nusgalyk häzirki zaman obasyny, şäherçeleri gurmak baradaky asylly başlangyçlarynyň netijesinde Ruhubelent, Altyn asyr, Döwletli ýaly etrap merkezleriniň, Babarap, Belek, Garlyk, Bagtyýarlyk ýaly obalardyr şäherçeleriň döremegini mysal getirmek bolar. Edil şu günlerde bolsa, Prezident Maksatnamasy esasynda türkmen gurluşykçylary Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň «Arkaç» geňeşliginiň, Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň Jumanyýaz Hudaýbergenow adyndaky geňeşliginiň, Lebap welaýatynyň Garabekewül etrabynyň Zelili adyndaky geňeşliginiň, Mary welaýatynyň Altyn sähra etrabynyň «Garaşsyzlyk» geňeşliginiň çäklerinde täze, häzirki zaman obalarynyň gurluşygyny ýokary depginler bilen alyp barýarlar.

Milli Garaşsyzlygymyzyň 23 ýyllyk şanly toýunyň öň ýanynda hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen Ahal welaýatynyň Derweze etrabynyň Owadandepe geňeşliginiň çäginde açylan, 400 gektardan gowrak meýdany tutup oturan täze obanyň gözel keşbini görmäge göz, tarypyny etmäge söz gerek. Türkmeniň gadymy oturymly meýdanynda, Aşgabat—Gökdepe gara ýolunyň ugrunda bary-ýogy iki ýylyň içinde dörän bu ajaýyp oba bada-bat gözüňe ilýär. Oklaw ýaly göni ýollary, ak mermerden binalary synlap, şäher bilen bäsleşýän bu obanyň gözelligine haýran galýarsyň. Täze zamananyň — hormatly Prezidentimiziň halkymyza peşgeş eden Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň aýdyň beýany bolup, çar ýana şöhle saçyp duran bu oba Täze zaman diýlip atlandyryldy.

Döwlet Baştutanymyzyň Täze zaman obasynyň açylyş dabarasyna gatnaşmagy halkymyzyň toý şatlygyny goşalandyrdy. «Geçmişi bolmadygyň, geljegi bolmaz» diýýändir türkmen. Bu pähime eýerýän mähriban Arkadagymyz pederlerimiziň nusgalyk ýol-ýörelgelerini mynasyp dowam etdirip, milli däp-dessurlarymyzyň nesilden nesle geçmegini gazanýar. Mähriban Prezidentimiziň gatnaşmagynda uludan tutulan ol günki türkmen toýy hem seteran gurlan alty ganat ak öýleriň öňünde ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň ussatlyk bilen ýerine ýetiren toý däpleri bilen başlandy. Kyrk gulak gazan atarylyp, dürli tagamlar bişirilen bu toýda at çapdyrylyp, milli oýunlar oýnaldy. Aýdym-sazyň sesi belentden ýaňlanyp, barha bat alýan hiňňildiklerde uçýan bagtyýar ýaşlaryň, durmuşymyzyň, ömrümiziň, toýlarymyzyň bezegi bolan mähriban çagajyklaryň şadyýan gülki sesleri al-asmana galdy.

Bu toýda çapyksuwarlar ahalteke bedewlerine ussatlyk bilen erk etseler, haly dokap, el işlerini edýän eli çeper gyz-gelinlerimiz amaly-haşam sungatynyň dürli görnüşleri bilen toý dabarasyna gatnaşanlarda ýakymly täsir galdyrdylar. Milli göreş, horaz urşy, ýaglyga towusma, tanap çekme, aýterek-günterek oýny... dabarada gurnalan milli oýunlaryň her biri öz aýratynlygy bilen täze obanyň şanyna tutulan toýuň şowhun-şüweleňini artdyrdy.

Medeni-durmuş maksatly binalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň uly toplumyny öz içine alan täze obada täze durmuş başlandy. Olaryň hatarynda bir we iki maşgala niýetlenen, birnäçe görnüşli, bir we iki gatly kottej jaýlary, orta mekdepler, çagalar baglary, Saglyk öýi, Durmuş hyzmaty öýi, bedenterbiýe-sagaldyş toplumy, Söwda merkezi we senagat hem-de azyk harytlarynyň dükanlary bar. Gurlan jaýlaryň her biri kaşaňlygy, döwrebaplygy bilen göreniň ünsüni özüne çekýär.

Bagtyýar maşgalalar üçin niýetlenen ýaşaýyş jaýlarynyň her biri giň we ýagty bolup, otaglary döwrebap mebeller bilen üpjün edilen. Her bir maşgala üçin aşhanalaryň ikisi we ýuwnulýan otaglaryň hem ikisi niýetlenipdir. Iň esasy bolsa, bu ýaşaýyş jaýlarynda türkmen maşgalasyna mahsus bolan mellek ýerleriniň we mal saklamak üçin şertleriň bolmagydyr.

Täze zamanda täze durmuşyň başlanan güni döwletli ojaklaryň ýüzlerçesinde: «Ýurduňyz gutly bolsun!» diýen hoşniýetli sözler ýaňlandy. Ähli amatlyklary bolan täze döwrebap ýaşaýyş jaýlarynyň birbada ikisini edinmek bagtyna miýesser bolan Garaýewleriň maşgalasyna baran mähriban Prezidentimiziň bu sözi ilki bolup aýtmagy bagtyýar





ýaşaýjylaryň kalbyny egsilmez buýsanja, çäksiz şatlyga besledi. Täze jaýlaryň öňünde uludan tutulan toýda aýdylan aýdymlaryň belent owazy, toý gazanlarynda atarylan milli tagamlaryň, ýaňy tamdyrdan çykarylan mele-myssyk çöregiň ýakymly ysy oňa gatnaşanlarda uly ruhubelentlik döretdi.

Şol gün biz bu bagtyýar maşgala ojagyna baryp, mähriban ene Saparsoltan Garaýyewa bilen söhbetdeş bolanymyzda, ol:

— Gahryman Prezidentimiziň çuňňur aladasy bilen türkmeniň toýy hem, şatlygy hem goşa-goşadan gelýär. Ynha, bu gün ogullarymyň ikisine birden täze jaý berildi. Onda-da, täze obadan! Dogrusy, bu jaýlara gelip, birbada gözlerime ynanmadym. Iki gatdan ybarat, hersi bir maşgala niýetlenen köşk ýaly jaý. Içinde ähli amatlyklar döredilen bu jaýlary türkmen gurluşykçylarynyň gurandygy has-da buýsandyrýar. Giň we oňaýly otaglar, eýwanlar, ähli şertler göz öňünde tutulan aşhana bar. Giň howluda mellek, mal saklanýan ýer, bassyrmalar, tamdyr göz öňünde tutulypdyr. Hatda, ulagyňy goýmak üçin garaža çenlem bar.

Milli Liderimiz her bir türkmen maşgalasynyň hemmetaraplaýyn üpjün bolup ýaşamagyny gazanýar. Maşgala ojaklaryna bagt paýlap, bizi çäksiz şatlyga beslän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun! — diýip, tüýs ýürekden hoşallygyny beýan etdi.

Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň oktýabr aýynda Lebap welaýatynda bolup geçen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda sözlän taryhy sözünde: **«Biz «Döwlet adam üçindir!» diýen syýasaty alyp barýarys. Bu syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, Berkarar Watanymyz gülläp ösýän, mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşynyň barha ýokarlanýan, ykdysady taýdan kuwwatly döwlete öwrülýär»** diýip belledi. Öňe gitmek, öňde goýlan maksatlara ýetmek — bu eziz Arkadagymyzyň, bagtyýar halkymyzyň arzuwy. Şonuň üçin Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe her bir türkmen raýaty hormatly Prezidentimiziň: **«Öňe, diňe öňe, jan Watanym Türkmenistan!»** diýen şygaryny her pursatda buýsançly gaýtalaýar we uly ruhubelentlik bilen öňe gadam urýar.

**Keýik UMAROWA, žurnalist.**






# BEÝIK ÝEŇIŞLERE BADALGA




Hormatly Prezidentimiz döwlet başyna geçen ilkinji günlerinden **«Meniň ähli aladam halkym bolar»** diýdi we şol ugurdan ägirt uly işleri amala aşyrdy. Döwletimizi ösdürmekde, halkyň ýaşaýyş-durmuş halyny gowulandyrmakda mähriban Arkadagymyz tagalla baryny edýär. Türkmenistanyň her bir raýatynyň beden taýdan sagdyn, ruhy taýdan kämil, ruhubelent bolmaklary üçin ýurdumyzda sportuň ösdürilmegine hem uly üns berilýär.

Bu günki gün Türkmenistan sportuň uly depginler bilen ösýän mekanyna öwrüldi. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda stadionlaryň, sport desgalarynyň, sport mekdepleriniň sany günbe-gün artýar. Sport bilen meşgullanýan adamlaryň, türgenlerimiziň bäsleşikdir ýaryşlarda gazanýan ýeňişli gadamlary, halkara ýaryşlarynda gazanýan üstünlikleri ata Watanymyzyň şan-şöhratyny, abraýyny dünýä ýüzüne ýaýyp, mukaddes Baýdagymyzy al asmanda parladýar. Edil şol wagt türgenlerimiziň elini ýüregine goýup, milli senamyzy buýsanç bilen aýdyşy ýakymly owaz dek ýaňlanýar. Elbetde, bu görnüşe ähli ildeşlerimizde Watanymyzyň sport abraýyny ýokary galdyrýan türgenlerimize bolan guwanjy has-da artýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe güneşli Diýarymyzyň şäherdir etrap merkezlerinde, obalarynda ýaş nesle sportuň ähli görnüşlerinden türgenleşmäge ähli şertler döredilen. Hut görküne älem haýran ýurdumyzyň gözel paýtagty, «Aziýanyň merjeni» adyny alan Aşgabatda eýýäm onlarça stadionlar, Buzly köşk, Suw-sport toplumy, Gyşky oýunlar sport toplumy, sport merkezleri, tennis kortlary, şahmat merkezi, Halkara atçylyk toplumy we başgalar bar. Şeýle-de paýtagtymyzda Olimpiýa şäherçesiniň gurluşygy gyzgalaňly dowam edýär. Onuň gurluşygynda tehnologiýalaryň dünýäniň iň soňky gazanan kämil nusgalary, gurluş aýratynlyklary peýdalanylýar. Olimpiýa şäherçesiniň gurluşygy birnäçe tapgyrdan ybarat. Onuň çäklerinde dürli maksatly desgalaryň 30-dan gowragy gurulýar. Bu ýerde diňe ýurdumyz boýunça geçirilýän bäsleşikler däl, eýsem, sportuň dürli görnüşleri boýunça dünýäniň hem-de Aziýanyň çempionatlary ýa-da başga-da halkara ýaryşlary geçiriler.

Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň karary bilen 2017-nji ýylda Aşgabat «Aziada–2017-niň» paýtagty diýlip yglan edildi. Aşgabatdaky ýokary depginde gurluşygy alnyp barylýan Olimpiýa şäherçesinde Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň geçirilmegi her bir türkmenistanlynyň kalbynda mähriban Arkadagymyza bolan buýsanç duýgusyny goşalandyrýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe sportuň gerimi barha ýaýbaňlandyrylýar. Edaradyr kärhanalaryň köpüsinde sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanýan, işgär türgenlerden ybarat bolan toparlar hereket edýär. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň garamagyndaky edara-kärhanalaryň işgärlerinden düzülen «Binaçy» sport topary hem ýurdumyzda geçirilýän spartakiadalara yzygider gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar. Olaryň sportuň kiçi futbol, woleýbol, basketbol, ýeňil atletika, stoluň üstünde oýnalýan tennis, tennis, suwda ýüzmek, milli göreş, küşt-şahmat ýaly görnüşleri boýunça geçirilýän bäsleşiklerde ýylyň-ýylyna üstünlikli orunlary eýelemegi, ussat türgenleriň ýeňişli gadamlarynyň barha artmagy buýsandyryjydyr.

**Gülşat TAGANOWA, žurnalist.**

# GURÝAN, DÖREDÝÄN GURPLY DÖWLET

Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlarynyň we taýsyz tagallalarynyň netijesinde, ýurdumyzyň ykdysadyýetini pudaklaýyn diwersifikasiýalaşdyrmak, ykdysady ösüşiň köpugurlylygyny gazanmak babatda düýpli öňegidişlikler gazanylýar. Ýurdumyz jemi içerki önümiň ösüş depgini boýunça dünýä ýurtlarynyň arasynda öňdäki orunlary eýeleýär. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan Türkmenistanda alnyp barylýan işjeň maýa goýum syýasatynyň netijesinde, müňlerçe önümçilik desgalarynyň we durmuş-medeni maksatly binalaryň gurluşyklary alnyp barylýar. Bu ýurduň ykdysady kuwwatynyň yzygiderli berkemegini häsiýetlendirýän wajyp görkezijidir. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan alnyp barylýan «Açyk gapylar» syýasaty ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň uly möçberlerde bolmagyna, töleg balansynyň ygtybarly derejelerde saklanmagyna giň mümkinçilikleri döredýär. Durmuş maksatnamalarynyň üstünlikli amala aşyrylmagy, ilatyň girdejileriniň yzygiderli ýokarlanmagy halkyň durmuş-ýaşaýyş şertleriniň düýpli gowulanýandygyna şaýatlyk edýär.

Geçen ýyllarda bolşy ýaly, 2014-nji ýylda-da ýurdumyzda bu ugurlarda uly üstünlikler gazanyldy. Bu gazanylýan belent sepgitleriň gözbaşynda hormatly Prezidentimiziň jöwher paýhasyndan döreýän we üstünlikli amala aşyrylýan milli maksatnamalarymyzyň ähmiýeti örän uludyr. Olar öz mazmuny boýunça adam hakyndaky alada ýugrulandyr hem-de halkymyzy eşretli durmuşda ýaşatmaga gönükdirilendir.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen, «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasy», şeýle hem welaýatlary 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň meýilnamalary durmuşa ornaşdyrylýar.



Bulardan başga-da, 2007-2014-nji ýyllarda döwlet we pudaklaýyn maksatnamalaryň onlarçasy kabul edildi we olar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu maksatnamalarda ýurdumyzyň ykdysadyýetini, sebitlerimiziň öndüriji güýçlerini gyradeň ösdürmek, senagatymyzy we ykdysadyýetimiziň beýleki pudaklaryny innowasion häsiýetde ösdürmek babatda giň gerimli çäreler göz öňünde tutulandyr.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň geljekki ösüşinde «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynyň» ähmiýeti hem örän uludyr. Prezident maksatnamasynyň esasy maksady Türkmenistany, esasan, agrar ýurt bolanlygyndan senagat taýdan ösen, häzirki zamanyň ähli eşretleri halkymyz üçin elýeterli bolan döwlete öwürmekden ybaratdyr.

Prezident maksatnamasy ýurdumyzyň ykdysadyýetini, ilkinji nobatda-da, senagatyny diwersifikasiýalaşdyrmak, onuň köpugurly ösüşini gazanmak babatda ägirt möçberli işleri göz öňünde tutýar. Olar nebitgaz toplumynda, himiýa senagatynda, gurluşyk materiallary senagatynda, ýeňil senagatda, obasenagat toplumynda içerki bazarlarymyzyň isleglerini kanagatlandyrýan, şeýle hem önümleriniň belli bir bölegi daşary ýurtlara eksport etmäge gönükdirilen kärhanalar toplumlaryny öz içine alýar. Munuň üçin ýurdumyz boýunça amala aşyrylýan düýpli gurluşyklaryň gerimi barha ýokary derejelere göterilýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallalarynyň netijesinde, esasy serişdelere maýa goýumlaryň jemi içerki önüme bolan gatnaşygy 45 göterimden hem ýokary derejelerde saklanylýar. 2014-nji ýylda Prezident maksatnamasynyň çäklerinde ýurdumyzda senagat kärhanalarynyň ýüzlerçesi gurlup, ulanmaga berildi. 2015-nji ýylda hem Prezident maksatnamasy ýurdumyzyň ykdysady ösüş derejesini täze belentliklere götermekde wajyp ähmiýete eýe bolar.



Prezident maksatnamasyna laýyklykda, häzirki wagtda müňlerçe desgalaryň we binalaryň gurluşyklary alnyp barylýar we önümçilikleriň tehniki taýdan durky täzelenýär. Olaryň hatarynda Türkmenbaşydaky Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda önümçiligi diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça gurulýan desgalary, Mary welaýatyndaky «Galkynyş» gaz ýatagynyň gazy kükürtden arassalaýjy, gaýtadan işleýji we infrastrukturanyň kömekçi desgalaryny, ammiak we karbamid öndürýän zawody, Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabyndaky kaliý dökünlerini öndürýän zawody, Seýdi şäherindäki pagta egriji fabrigi, Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabyndaky pagta egriji fabrigi, Daşoguz şäherindäki zyýansyzlandyrylan sargy serişdelerini öndürýän kärhanany, Aşgabat şäherindäki dokma toplumynyň ikinji nobatdakysyny, Balkan welaýatynyň Bereket etrabyndaky ýodly çöp öndürýän kärhanany, Jebel şäherçesindäki deňiz duzuny öndürýän we bejeriş palçygyny gaplaýan kärhanany we ençeme beýleki desgalary görkezmek bolar.

Hormatly Prezidentimiziň çuň pähim-paýhasyna ýugrulan «Açyk gapylar» syýasaty ýurdumyzyň welaýatlarynyň ykdysadyýetiniň dünýä üçin örän ähmiýetli bolmagy, belent sepgitlere ýetmegi üçin ähli mümkinçilikleri döredýär.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň her bir welaýatynda häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän senagat düzümlerini döretmegi ileri tutulýan ugurlaryň hataryna goşýar. Welaýatlarymyzyň senagat pudagyny diwersifikasiýalaşdyrmak, onda ösen tehnologiýalar we tehnikalar bilen enjamlaşdyrylan dürli ugurlar boýunça döwrebap kärhanalary döretmek işine döwlet derejesinde wajyp wezipe hökmünde garalýar. Şunuň bilen baglylykda, Prezident maksatnamasynda ýurdumyzyň sebitleriniň senagatyny köp ugurlar boýunça ösdürmek, olaryň mineral-çig mal serişdelerini, zähmet mümkinçiliklerini rejeli ulanmak, täze döwrebap iş orunlaryny döretmek, ilatymyzyň pul girdejilerini ýokarlandyrmak boýunça giň gerimli işler göz öňünde tutulandyr. Prezident maksatnamasy boýunça gurulmaly kärhanalar ýurdumyzda «ykdysady ösüş» nokatlaryny döretmäge mümkinçilik berýär. Lebap welaýatynyň Köýtendag sebitiniň, Seýdi şäheriniň, Balkan welaýatynyň Garabogaz şäheriniň, Gyýanly şäherçesiniň, onlarça beýleki ýerlerimiziň senagat taýdan ösdürilmegi ilatymyzyň döwrebap derejelerde ýaşamaga mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň gurluşyk materiallary senagaty pudagy geljek döwürde ýokary depginler bilen ösýän pudaklaryň hataryna goşular. Pudakda eýeçiligiň dürli görnüşlerine daýanýan aýna we aýna önümçiligini, keramiki bezeg plitalaryny, örtügi materiallarynyň önümçiligi üçin karýeri, senfaýans önümlerini, gips esasly gury gurluşyk garyndylaryny we gipsokartony, keramiki kerpiçleri we diwar bloklaryny, bazalt inçe süýüminden kompozit materiallaryny, ençeme beýleki gurluşyk önümlerini öndürýän kärhanalarynyň ýüzlerçesiniň gurluşygy göz öňüne tutulandyr.

Prezident maksatnamasyna laýyklykda, ýurdumyzyň himiýa senagatynda hem düýpli öňegidişlikler gazanylar. Olar hormatly Prezidentimiz tarapyndan başy başlanan ammiak we karbamid, natriý sulfatyny hem-de sintetik ýuwujy serişdeleri, kaustik sodasyny, hlor we hlorly önümleri, kükürt kislotasyny öndürýän zawodlardyr. Bu çäreleriň geçirilmeginiň netijesinde, ýurdumyzyň himiýa senagaty düýpli diwersifikasiýalaşdyrylar we onda innowasion häsýetli önümçilikler dörediler.



Prezident maksatnamasynyň esasy maksatlarynyň biri hem ýurdumyzda ýerli önümçilikleri döretmek we ösdürmek arkaly, çig mallaryň we materiallaryň, taýýar önümleriniň importyny azaltmak bilen baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň dokma we azyk senagaty pudaklaryny ösdürmekde uly öňegidişlikler gazanylar. 2014-2016-njy ýyllarda dokma we azyk senagaty pudaklarynda ösen tehnikalar we tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan, dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply, innowasion häsýetli döwrebap kärhanalaryň gurluşyklary dowam etdiriler.

Prezident maksatnamasynda bazar gatnaşyklaryna tapgyrlaýyn esasda geçmek wajyp wezipeleriň hatarynda goýlandyr. Şunuň bilen baglylykda, Prezident maksatnamasynda göz öňünde tutulan täze gurluşyklaryň uly bölegi ýurdumyzyň senagatçylary we telekeçileri tarapyndan amala aşyrylýar. Olar, ilkinji nobatda, ýurdumyzyň içerki bazarlarynyň isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilendir. Bu kärhanalaryň esasy bölegi gurluşyk materiallaryny – çagyl we ýuwlan çägäni, keramiki we gazbeton kerpiji, emeli mermer plitalary, polietilen turbalary, ýylylyk izolýasiýa harytlaryny we ýüzlerçe beýleki önümleri öndürýän kärhanalardyr. Bulardan başga-da, hususy eýeçiligi azyk senagatynda, ilatyň sarp edýän harytlaryny öndürmekde, düýpli gurluşykda, dürli görnüşli hyzmatlarda hem ýokary depginler bilen ösdürmek işi alnyp barylýar. Bu önümçilikler we kärhanalar kiçi hem orta möçberlerde bolmak bilen, ýerli bazarlaryň isleglerini kanagatlandyrmaga çalt uýgunlaşarlar we öz iş ugurlaryny bazar isleglerine görä çalt üýtgedip bilerler.

Gysga döwrüň içinde hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalarynyň netijesinde, ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamagyň kanunçylyk binýady döredildi we ony durmuşa geçirmegiň anyk gurallary işlenip düzüldi. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen işlenip taýýarlanan «Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça 2011-2015-nji ýyllar üçin döwlet maksatnamasy» amala aşyrylýar. Bu maksatnamanyň çäklerinde ýurdumyzyň telekeçilerine döwlet tarapyndan goldawlar yzygiderli berlip durulýar. Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça döwlet toparynyň geçirýän mejlislerinde Prezident maksatnamasynda hususy eýeçiligi ösdürmek, telekeçilik işleriniň hukuk binýadyny kämilleşdirmek, telekeçilik işine goldaw bermek bilen baglanyşykly derwaýys meseleleriň onlarçasyna garalýar we olar boýunça oňyn çözgütler kabul edilýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalarynyň netijesinde, «Türkmenistanda döwlet eýeçiligindäki kärhanalary we desgalary hususylaşdyrmagyň 2013-2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» kabul edildi we bu ugurda geçirilmeli çäreleriň anyk meýilnamasy işlenip düzüldi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi tarapyndan önümçilikleri hususylaşdyrmak, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, daşary ýurt kompaniýalary bilen bilelikdäki kärhanalary döretmek babatda degişli işler alnyp barylýar.

Bagtyýarlyk döwründe gurluşyk işlerini ýerine ýetirmekde hususy ulgamyň orny we ähmiýeti ýokarlanýar. Munuň aýdyň subutnamasy bolup, hususyýetçiler tarapyndan gurulýan desgalaryň sanynyň yzygiderli artýanlygyndan hem görmek bolýar.

Hormatly Prezidentimiziň ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli ýokarlandyrmak babatda alyp barýan ynsanperwer syýasatyny özünde jemleýän maksatnamalary gyşarnyksyz berjaý etmek we ýokary hilde amala aşyrmak ählimiziň mukaddes borjumyzdyr.

**Sülgün MYRADOWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**

# HORMATLY PREZIDENTIMIZIŇ AK PATA BERMEGI BILEN AÇYLAN DAŞOGUZ MYHMANHANASY














TGweBM

# GURLUŞYGYŇ ÖSÜŞLI MENZILLERI

Ata-babalarymyzyň asyrlarboýy arzuw eden mukaddes Garaşsyzlygy 1991-iň altyn güýzünde amala aşdy. Özygtyýarlygyna eýe bolan ýurdumyz senagatyň ähli pudaklarynyň, halk, oba hojalygynyň ösüş-özgerişiniň, parahatçylygyň, asudalygyň mekanyna öwrüldi. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzda gurluşyk ulgamy bedew bady bilen ösýär. **«Biziň gurýan desgalarymyz ýokary hile we gelşikli keşbe eýe bolmalydyr, çünki biz häzirki döwür üçin däl-de, eýsem, geljekki nesilleriň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmek üçin gurýarys»** diýýän hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda ata Watanymyzda asly halal halkymyzyň kalby deýin ak mermer binalaryň, dürli maksatly edaradyr kärhanalaryň sany barha köpelýär. Hazar deňziniň türkmen kenarynda ak arzuwlaryň wysaly dek emele gelen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy, täze etraplar, zawod-fabrikler, ýaşaýyş-durmuş we medeni ähmiýetli desgalar, demir we ulag ýollary, köprüler... ýaly gurluşyklar bagtyýar halkymyzyň şu gününiň we eşretli geljeginiň buýsanjyna öwrüldi.

Milli Liderimiz günbe-günden ösýän gurluşyk pudagynyň öňünde täze meseleleri goýup, gurluşyk boýunça işleri häzirki zaman talaplaryna laýyk, ýokary hilli ýerine ýetirilmegini tabşyrýar. Bu bolsa alymlaryň, gurluşyk pudagynyň hünärmenleriniň öňünde täze wezipeleri goýýar. Has takygy, häzirki zaman öňdebaryjy tehnologiýalary hem-de ylmy barlaglaryň netijelerini ulanyp,ýerli çig mallardan we önümçilik galyndylaryndan ýokary hilli täze gurluşyk materiallaryny öndürmegi gurluşyk pudagynyň wajyp meseleleriniň biri bolup durýar.

Türkmenistanda alnyp barylýan giň gerimli gurluşyk işleri, gurluşyk materiallary we önümleri senagatynyň çalt depginler bilen ösmegine itergi berýär. Ýaňyýakynda hem gurluşyk materiallarynyň köpüsi daşary ýurtlardan satyn alynýardy. Häzirki wagtda bolsa ýurdumyzda amala aşyrylýan şeýle giň möçberli gurluşyklarda ulanylýan çig malyň ep-esli göteriminiň türkmen topragynda öndürilmegi guwandyryjy ýagdaýdyr.

Geçen taryhy döwrüň içinde Türkmenistanyň çäginde gurlan şäherleriň, oba-kentleriň, mawzoleýleriň, köşkleriň galyndylary, olaryň gurluşygy üçin ýerli gurluşyk materiallarynyň giňden ulanylandygyny habar berýär. Kerpiç, hek, alebastr ýaly gurluşyk materiallaryny türkmenler gadym döwürlerde-de ulanypdyrlar. Arheologiki gazuw-agtaryş işleri hatda lagym ulgamy üçin hem küýze turbalarynyň ulanylandygyny görkezýär. B.e.öň II asyrda we b.e. öň III asyrda Parfiýa döwleti döwründe Nusaýda köp dürli keramiki gurluşyk materiallaryndan peýdalanylypdyr.

Kerpiçden salnan Mary welaýatyndaky Soltan Sanjaryň mawzoleýi, ýurdumyzyň demirgazygynda Köneürgenç mawzoleýi we beýikligi 60 metre barabar bolan minara öz durkuny saklap galypdyr. Olaryň gurluşygynda hek, kerpiç, küýze turbalar we keramiki bezegler ulanylypdyr.

XIX asyryň aýaklarynda, Orta Aziýa Russiýa birikdirilip, öňki Krasnowodsk (Türkmenbaşy)-Çärjew (Türkmenabat) demir ýolunyň çekilmegi bilen ýol ugrundaky etraplarda ilkinji kerpiç zawodlary döräp başlaýar. Şol zawodlar Türkmenistanda kerpiç senagatyny ösdürmegiň başlangyjydyr. Soňa-baka Türkmenistanyň çäklerinde kerpiç-çerepisa, hek, alebastr öndürýän kärhanalaryň sany barha artýar, Aşgabatda aýna zawody işläp başlaýar.

Gurluşyk pudagy Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň başyny başlan giň gerimli şähergurluşyk maksatnamasyndan ugur alyp, Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag instituty Türkmenistanyň çig mal mümkinçiliklerini we olary ulanmagyň usullaryny yzygiderli öwrenýär. Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň çapa taýýarlan «Türkmenistanyň gurluşyk materiallary» kitabynda hem gurluşygyň dürli ugurlarynda mineral hem-de organik materiallary peýdalanmagyň we tebigy-howa, mineral-çig mal serişdelerini hasaba almak




bilen gurluşygyň wajyp meseleleri giňden öwrenilip, neşir edildi. Kitapda Türkmenistanyň senagat-raýat, gidrotehnik we ýol gurluşygynda ýerli çig maly we senagat galyndylaryny peýdalanmak boýunça birnäçe wajyp teklipler hem-de maslahatlar hödürlenýär. Sementiň, ýeňil betonyň, rulonly we mastika gidroizolýasiýanyň, üçegiň, polimer materiallarynyň alamatlaryny kämilleşdirmek boýunça işläp taýýarlamalara seredilýär. Kitapda beýan edilen temalar alymlar, hünärmenler hem-de gurluşyk hünärli talyplar üçin zerurdyr.

Kitabyň ilkinji sahypalaryndaky hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda gurluşyk ulgamynda ýetilen beýik sepgitler, Türkmenistanda gurluşyk materiallarynyň ulanylyşynyň hem-de köpçülikleýin öndürilip başlamagynyň taryhy maglumatlar okyjyny gyzyklandyrýar. Awtorlar taryhda ata-babalarymyzyň haýsy tebigy gurluşyk materiallaryndan ulanyp, köşgi-saraýlary, ýaşaýyş jaýlary, medresedir mawzoleýleri gurandyklaryny öwrenip, olaryň aýratynlyklaryny anyklapdyrlar. Taryhyň dürli döwürlerinde tebigy gurluşyk materiallarynyň haýsysynyň has ýörgünli ulanylandygy hakynda doly maglumat beripdirler.

Şeýle-de, Türkmenistanda gurluşyk materiallaryny öndürýän kärhanalaryň haçan açylyp, işläp başlandygy baradaky taryhy maglumatlar, bu ugurda zähmet çeken alymdyr hünärmenleriň bitiren hyzmatlary hakynda şu kitabyň üsti bilen bilmek hem her bir okyjy üçin gyzykly bolsa gerek.

Kitapda Türkmenistanda alnyp barylýan häzirki zaman gurluşyklarda giň möçberli ulanylýan ýerli gurluşyk materiallar hakynda jikme-jik gürrüň berlipdir. Olaryň görnüşleri, düzümi, aýratynlyklary, peýdasy barada ýörite jedwelleriň üsti bilen düşündirilipdir. Olaryň hersiniň aýratynlyklaryny göz öňünde tutanda, gurluşyklarda ulanmagyň düzgün-tertibi, mukdary hakynda hünärmenleriň gymmatly maslahatlary bar. Türkmenistanda gazylyp alynýan tebigy baýlyklaryň içinde gurluşyk işlerinde ulanylýan çig malyň hem bardygy barada aýdylýar.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatyndan ugur alyp, gurluşyk we binagärlik pudagy diňe bir gurluşyk işleriniň ýokary hilli alnyp barylmagyna we desgalaryň öz wagtynda tabşyrylmagyna gözegçilik etmek bilen çäklenmän, eýsem, jaýlaryň we desgalaryň seýsmika durnuklylygyny üpjün etmek boýunça, şeýle hem ýerli çig malyň esasynda täze gurluşyk materiallaryny we önümlerini öndürmek boýunça işleri hem amala aşyrýar. Umuman, «Türkmenistanyň gurluşyk materiallary» kitabynyň neşir edilmegi ýurdumyzyň gurluşyk ugrunda amal edilýän işleriň bir ülşüdir. Kitapda beýan edilen ähli maglumatlaryň gurluşyk işleri bilen meşgullanýan kärhanalaryň işgärleriniň, hünärmenleriň, Türkmenistanyň binagärlik-gurluşyk institutynyň, şeýle-de Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň ýanyndaky Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň mugallymdyr talyplarynyň iň ýakyn ýardamçysy hem-de olaryň işinde, okuwynda peýdaly gollanma boljakdygy ikuçsuzdyr.

**Ruslan TAGANOW,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.**



# AÝ ŞUGLALY AWAZA









Bu gün gözel Awazanyň waspy aýdymlarda ýaňlanyp, at-owazasy älem içre ýaýraýar. Hormatly Prezidentimiziň bimöçber aladalary bilen Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bedew batly ösüş-özgerişlere beslenýän Hazaryň türkmen kenary günsaýyn özgerip, gözel keşbe girýär. Täze taryhy eýýamda sebitiň iň iri işewürlik we medeni merkezi hökmünde dünýä jahankeşdeleriniň ünsüni özüne çekýän gözel Awazany görmäge göz gerek. Hydyr gören bu mekan Şa gadamynyň düşmegi bilen ertekilerdäki ýaly ajaýyp keşbe girýär.

Milli Liderimiziň asylly başlangyjy bilen bu jenneti mekanda ilkinji gezek geçirilen Medeniýet hepdeligine gatnaşanlar türkmen hünärmenleri tarapyndan ilkinji gezek ýygnalan «Çarlak» gämisinde ýüzüp, mawy tolkunlaryň arasynda gezelenç etmäge, Awazanyň ajaýyp keşbini deňiz giňişliginden synlamaga mümkinçilik alypdylar. Täze gäminiň ilkinji ýolagçysy bolmak uly bagt. Bu gün bolsa, deňiz gämisi bagtyýar halkymyzyň şatlykly pursatlarynyň şaýady hökmünde mawy tolkunlaryň arasynda ikiýana gatnaw edýär. Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen açylan köp sanly döwrebap kottejlerde, dynç alyş we sagaldyş merkezleridir myhmanhanalarda ýylyň ähli paslynda dynç alýan we gezelenç edýän raýatlarymyza we myhmanlara ýokary hilli hyzmat edilýär.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň «Täjir» dynç alyş merkeziniň hem mydama mähellesi ýetik. Bu ýerde dynç alýanlar «Döwlet gurluşyk» hojalyk jemgyýetiniň guran bu döwrebap dynç alyş merkeziniň ähli amatlyklaryndan peýdalanýarlar. 12 gatdan ybarat bolan dynç alyş merkezinde döwrebap mebeller bilen üpjün edilen otaglaryň 164-si bar. Şeýle-de dynç alyş mer-

kezine ýanaşyk gurlan, 1 maşgala üçin niýetlenen 2 gatly kottejleriň 8-si hem-de 2 maşgala üçin niýetlenen 27 sany 2 gatly kottejler toplumy dynç alýanlaryň hyzmatynda. Attraksionly açyk we ýapyk howuzlaryň, sport meýdançasynyň, trenažýor zalynyň hyzmatyndan peýdalanýan raýatlar wagtlaryny örän täsirli geçirýärler. Bu ýerde çagalar üçin niýetlenilen meýdançada körpeleriň dürli oýunlar bilen meşgullanmaklary üçin hem ähli şertler döredilipdir.

Mälim bolşy ýaly, döwlet Baştutanymyz Balkan welaýatynda iş saparynda bolanynda dynç alşyň dürdänesine öwrülen bu gözel kenarda täze tutumlara badalga beripdi. Geljegi nurana «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ähli amatlyklary bolan binalaryň we dünýä ülňülerine laýyk gelýän täze desgalaryň nobatdaky tapgyryny gurmak baradaky birnäçe tekliplere garalyp, olaryň aglaba köpüsiniň gurluşygy ýerli gurluşyk kärhanalaryna ynanylypdy. Hormatly Prezidentimiziň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda binalary we desgalary gurmak hakyndaky» Kararyna laýyklykda, ol ýerde gurluşygyna badalga berlen desgalaryň hatarynda Aşgabat şäher häkimliginiň buýurmasy esasynda «Ajaýyp bina» hojalyk jemgyýetiniň gurýan 5 ýyldyzly, 12 gatly, 300 orunlyk myhmanhanany, harby gullukçylar üçin has amatly dynç alyş şertlerini döretmek maksady bilen Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň buýurmasy esasynda «Rysgally zähmet» hususy kärhanasynyň gurýan 324 orunlyk ýokary derejeli myhmanhanany, «Çeper gurluşyk» hususy kärhanasynyň gurýan oýun attraksionly seýilgähi görkezmek bolar. Türkmen işewürleriniň ukyp-başarnygyny, gujur-gaýratyny siňdirip gurýan bu desgalaryň binagärlik keşbinde milli binagärlik däpleri bilen häzirki zaman ýörelgeleri öz beýanyny tapar.

Hazaryň türkmen kenarynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň gatnaşmagynda ýene-de bir täze desganyň—700 orunlyk döwrebap kottejler toplumynyň gurluşygyna badalga alyndy. Gurluşykçy hususyýetçileriň güýji bilen gurulmagy meýilleşdirilen bu kottejler toplumynyň umumy tutýan meýdany 10 müň 800 inedördül metre barabardyr. Onuň taslamasyny «Çyzgy» hojalyk jemgyýeti alyp bardy. Gurluşyk işleri bolsa, «Halys», «Altyn nesil», «Döwlet gurluşyk» hojalyk jemgyýetlerine hem-de «Beýik bina», «Oguz gurluşyk», «Çeper gurluşyk» hususy kärhanalaryna ynanyldy.





«Çeper gurluşyk» hususy kärhanasynyň ýolbaşçysy Gapbarberdi Amanow bilen gürrüňdeş bolanymyzda, ol:

— Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli aladalary bilen bu jenneti mekanda amal edilýän düýpli gurluşyklara goşulyp, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ertekilerdäki ýaly ajaýyp keşbe girmegine, halkymyzyň bu jana şypaly kenarda ýokary derejede dynç almaklaryna goşandymyzy goşýandygymyza buýsanjymyz çäksiz. Gojaman Hazaryň kenary her gün bir täsinligi bilen halkymyzy begendirýär. Bu ýer ýaşlar hem körpejeler üçin gyzykly hem täsirli. Şonuň üçin edil şu günlerde Awaza gelýän raýatlarymyzyň yzy üzülenok. Olar döwrebap dynç alyş we sagaldyş merkezlerinde, myhmanhanalarda, kottejler toplumlarynda bolup, özleri üçin döredilen ähli amatlyklardan peýdalanýarlar.

Türkmen işewürleriniň täze taryhy eýýamda alyp barýan işlerine ýokary baha berýän döwlet Baştutanymyz bu ýerde gurulýan binalaryň we desgalaryň aglaba böleginiň gurluşygyny bize ynanýar. Ýakynda düýbi tutulan kottejler toplumynyň gurluşygy ynanylan hususy kärhanalardyr hojalyk jemgyýetleriniň sanawynda biziň kärhanamyzyň hem bolmagy buýsançlydyr. Bu deňiz ýakasyndaky gurluşyklarda bize gurluşygy ynanylan ikinji desgadyr. Hormatly Prezidentimiz «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny mundan beýläk-de ösdürmegiň meseleleri babatda geçiren giňişleýin mejlisinde bu ýerde oýun attraksionly seýilgähiň taslamasyny düzmek we oňa ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyryp, doly taýýar etmek işlerini biziň hususy kärhanamyza ynandy. Häzirki wagtda seýilgähiň gurluşygy güýçli depginlerde alnyp barylýar.

Täze gurulmaly kottejler toplumynda kottej jaýlaryň 50-si bolup, ol dört hem-de iki maşgalalar üçin niýetlenendir. Onda köp çagaly maşgalalar üçin hem aýratynlykda kottejler göz öňünde tutulýar. Bu ýerde gurulmagy göz öňünde tutulýan attraksionly howuz, sport meýdançalary, ulag duralgasy, şeýle-de gözellik salony dynç aljaklaryň hyzmatynda bolar. Kottejleriň her biri döwrebap mebeller bilen üpjün edilip, onuň otaglary aýry-aýrylykda bezeler. Elbetde, biz gurluşyk işlerini talabalaýyk alyp barmak bilen Gahryman Prezidentimiziň özümize edýän beýik ynamyny ödemek ugrunda yhlasymyzy gaýgyrmaýarys. Yzygiderli goldaw-hemaýat berip, ýurdumyzda hususyýetçiligiň sazlaşykly ösdürilmegini şertlendirýän mümkinçilikleri döredýän milli Liderimize köp sagbolsun aýdýarys — diýip, hoşallyk sözlerini aýtdy.

Hawa, **«Döwlet adam üçindir!»** diýen baş ýörelgäni şygar edinýän mähriban Prezidentimiziň bimöçber aladalary bilen bu gün Hazar deňziniň türkmen kenarynda täze şäherçe döreýär. Hatar-hatar ak binalar, seýilgähler, owadan suw çüwdürimleri mawy deňziň örküç-örküç tolkunlarynyň şuwwuldysy, deňiz guşlarynyň täsin owazy bilen sazlaşyp, halkymyzyň nurana geljegi bolan bu mekana gelenleriň kalbyna joşgun berýär, bagtly ýaşaýşa höwes döredýär.

**Arzygül ANNAGULYÝEWA,**
**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.**



# AK ARZUWLY AJAP ÝOLLAR

Halkymyzda guýy gazmak, jaý salmak, ýol, köpri gurmak ýaly işler sogaply işlerden hasaplanýar. Elbetde, her bir zady durmuş eleginden geçirip, synaglarda syntgylan ata-babalarymyzyň bu işleri sogaply diýip, manysyny artdyrmaklary-da ýöne bir tötänlik däl. Halkyň ýaşaýyş-durmuşy üçin zerur bolan zatlar sogaplaşdyrylýar. Diýmek, merdana pederlerimiz adamlaryň ünsüni sogaply işlere çekip, ajaýyp ýaşaýyş-durmuşyň höküm sürmegini isläpdirler.

Hawa, ata-babalarymyzyň arzuwlarynyň hasyl bolýan döwri bolan Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk zamanasynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary netijesinde mähriban halkymyz bolelin durmuşda köňül maksatlaryna ýetip ýaşaýar. Adam hakyndaky aladalar ýurdumyzyň ileri tutulýan syýasatyna öwrüldi. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan yglan edilen **«Döwlet adam üçindir!»** diýen taglymat üstünlikli durmuşa geçirilýär. Kuwwatly Watanymyzda alnyp barylýan taryhy ähmiýetli işleri synlanyňda, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini göreniňde munuň hakykatdan hem, şeýledigine göz ýetirýärsiň. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bedew bady bilen öňe barýan eziz Watanymyzda alnyp barylýan gurluşyk işleriniň aýratyn ähmiýete eýedigini turuwbaşdan nygtamak isleýäris. **«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyna»** laýyklykda gurulýan, gurlup ulanmaga berilýän köşk ýaly binalary, desgalary synlanyňda aklyň haýran galýar. Mundan sähelçe wagt öň hem bir binanyň ýa-da desganyň açylyş dabaralary geçirilýän bolsa, indi ýurdumyzda döwlet derejesinde bellenilýän baýramçylyklara bagyşlanyp şaýollaryň, onuň ugrunda gurlan köşkleri ýada salyp duran ähli amatlyklary bolan onlarça ýaşaýyş jaýlarynyň, täze obalaryň açylyş dabaralary bolýar. Bu bolsa, güneşli Diýarymyzda gurluşyk işleriniň güýçli depginler bilen alnyp barylýandygynyň aýdyň beýanydyr. Şeýle-de, hormatly Prezidentimiziň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 23 ýyllyk şanly baýramynyň öňüsyrasynda Türkmenabat şäherinde geçirilen Türkmenistanyň Ýaşulularynyň nobatdaky maslahatynda eden çykyşynda: **«Umuman, häzirki wagtda ýurdumyzda jemi bahasy 48 milliard amerikan dollaryna golaý bolan dürli desgalaryň gurluşygy alnyp barylýar. Biz geljek ýylda gurluşyk pudagyna goýberiljek serişdeleriň möçberini has-da artdyrmagy göz öňünde tutýarys»** diýip bellemegi ýurdumyzyň gurluşygynyň uly ösüşlere eýe boljakdygyna ynamyňy artdyrýar.

Ýollar. Nurana ýollar, ynsany ak arzuwlara besläp, mähriban öýüne, barjak ýerine eltýän ýollar. Şonuň üçin «Ýodany yzlasaň ýola elter, ýoly yzlasaň ile elter» diýilýär. Şeýle-de, Diýarymyzda ýollaryň abat, ajaýyp bolmagy baradaky aladalara hem aýratyn üns berilýär. Bu dogrusynda eşretli zamanamyzda edilýän işler buýsanç duýgularyny goşalandyrýar. Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary we taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň ähli künjeklerinde, aýratyn-da paýtagt şäherimiz Aşgabatda gurlup ulanmaga berilýän, durky täzelenýän ýollary, aýlawly köprüleri görmäge göz gerek. Dünýä ülňülerine laýyklykda gurulýan şaýollaryň näderejede ähmiýetlidigine göz ýetirýän halkymyzyň şatlygynyň çägi ýok.

Elbetde, gözümiziň alnynda bolýan bu ajaýyp özgertmeleriň, ösüşleriň aňyrsynda juda uly zähmetiň, pähim-paýhasyň, watançylyk söýginiň bardygy her birimize äşgär hakykat bolsa gerek. Ýogsa-da, Bitarap Türkmenistan şaýolunyň, 10 ýyl abadançylyk, Arçabil şaýollarynyň gurluşygynyň gidip durany ýaňy ýalydy. Sähel wagtdan soň ol ýollaryň ugrunda bina bolup, ulanmaga berlen ýaşaýyş jaýlaryň we dürli hyzmatlaryň desgalaryny, mekdepdir çagalar baglarynyň binalaryny ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, görmäge göz gerek. Olaryň her biriniň dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary şertlerde gurulmagy, daş-töwereginiň abadanlaşdyrylmagy-da aýratyn bellärliklidir. Ýaňy-ýakynda bolsa Atamyrat Nyýazow şaýolunyň dowamynyň ulanmaga berilmegi buýsançly waka boldy. Paýtagt şäher her bir ýurduň ýüzi hasaplanýar. Ol ýerdäki ösüşler Watanyň näderejede ösýändigi bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Her bir ýurda barlanda, ilki bilen onuň paýtagtyna seredilip baha berilýär. Şonuň üçin-de paýtagt şäherimiziň milli Liderimiziň aladalary netijesinde düýpli ösüşler bilen özgermegi buýsanjymyzy goşalandyrýar. Häzirki günlerde bolsa, paýtagtymyzy gülledip ösdürmek baradaky işleriň güýçli depginde alnyp barylýandygyny-da nygtalmaga mynasypdyr. Ýakynda hormatly Prezidentimiz Aşgabady ösdürmegiň 14-nji tapgyryndaky taslamalary bilen tanyşdy. Şonda gurulmagy meýilleşdirilýän desgalaryň hatarynda ýurdumyzyň daşary işleri, dokma, nebit-gaz, oba hojalyk, gurluşyk toplumlarynyň, ykdysady hem-de bank ulgamlarynyň, ylym-bilim we medeniýet ugurlarynyň, hukuk goraýjy edaralarynyň işgärleri üçin 12 gatly ýaşaýyş jaýlary, her biri 600 orunlyk umumy bilim berýän orta mekdepleriň ikisi, her biri 160 orunlyk çagalar baglarynyň ikisiniň bolmagy — bu paýtagt şäherimizde ýene birnäçe şaýollaryň emele geljekdigini görkezýär.

Hawa, mähriban Arkadagymyzyň pähim-paýhasy netijesinde diňe bir ýurdumyzyň içindäki ýollar däl, daşary döwletlere uzaýan dostlukly ýollarymyz hem özgerýär. Şu ýerde bir zada ünsi çekmek isleýäris. Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen bagtyýar zamanamyzda senagat pudagyny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Elbetde, bu pudagy ösdürmegiň möhüm şertleriniň biri ýurdumyzyň ulag-üstaşyr mümkinçiliklerini giňeltmekdir. Şu jähetden hem, deňiz, howa, demir ýol we awtomobil gatnawlaryny öz içine alýan «Gündogar—Günbatar» we «Demirgazyk—Günorta» ulag ýollarynyň häzirki zaman ulgamy döredilýär. Iri halkara taslamalarynyň biri bolan «Demirgazyk—Günorta» ýollarynyň-da gurluşygynyň tamamlanandygyny bellemelidiris. Hormatly Prezidentimiz bu barada Türkmenistanyň Ýaşulularynyň nobatdaky maslahatynda eden çykyşynda: **«Ýene-de bir halkara taslamasynyň Türkmenistan—Owganystan—Täjigistan demir ýolunyň gurluşygyny hem güýçli depginler bilen alyp barýarys. Şonuň ýaly-da, biz ýakynda uzynlygy 564 kilometr bolan halkara derejeli Aşgabat—Türkmenbaşy ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygyna girişdik»** diýip bellemegi kalplara nur çaýýan ajaýyp ýollaryň dowamly guruljakdygyna uly ynam döredýär.

Halkymyz «Gezmek-ömürden» diýýär. Şaýollarda ruhubelent we erkana gezmek nesip etsin. Berkarar Watanymyzda halkymyzyň kalbyny nurlandyrýan, dünýä halklaryny haýrana goýýan ajaýyp gurluşyklar üçin hormatly Prezidentimize çäksiz alkyşlary aýdýarys. Goý, Gahryman we mähriban Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, il hem ýurt ähmiýetli ajaýyp işleri dowamat dowam bolsun!

**Ogulkeýik PAŞŞYÝEWA, žurnalist.**

# BAZAR GATNAŞYKLARY: NYRHLAR



Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň geçirýän düýpli özgertmeleri arkaly Türkmenistanyň Prezidentiniň **«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna»** we **«Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-2016-njy ýyllarda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyna»** laýyklykda Türkmenistanda milli ösüşiň ähli ugurlarynda durnukly öňe gidişlik üpjün edilýär.

Türkmenistan ägirt uly gurluşyk meýdançasyny ýada salýar. Ol senagat we durmuş infrastrukturasynyň desgalaryny öz içine alýar.

Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi binagärlik, şäher gurluşyk babatynda döwlet syýasatyny amala aşyrmak boýunça wezipeleri ýerine ýetirýär. Ol gurluşyk ulgamynda ýurduň ösüşiniň ýeke-täk ugruny kesgitleýär.

Medeni-durmuş desgalarynyň ýaşaýyş jaýlaryň, senagat we jemagat maksatly desgalaryň gurluşygy ministrligiň esasy işini düzýär.

**«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy»** esasynda Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň kärhanalary hem-de guramalary tarapyndan ilatyň ýaşaýşy üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen häzirki zaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylan mekdepleriň, çagalar baglarynyň, hassahanalaryň, ýaşaýyş jaýlaryň gurluşygy çalt depginler bilen amala aşyrylýar.

Gurluşykda nyrh emele getirişiň we çykdajy ölçegleriň ulgamyny kämilleşdirmek Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň işiniň esasy ugurlarynyň biridir.

Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Usulyýet, nyrh emele getiriş we çykdajy ölçegleri döwlet müdirligi Türkmenistanyň Prezidentiniň «Gurluşykda milli çykdajy ölçegleriň binýadyny işläp taýýarlamak hakynda» Kararyna laýyklykda, çykdajy ölçegleriň binýadyny bazar ykdysadyýetiniň täze talaplaryna laýyk getirmek, gurluşygyň bahasyny kesgitlemäge ýeke-täk usuly çemeleşmegi berjaý etmek maksady bilen döredildi.

Usulyýet, nyrh emele getiriş we çykdajy ölçegleri döwlet müdirliginde gurluşykda nyrh emele getiriş ulgamyny kämilleşdirmek we milli çykdajy ölçeg binýady emele getirmek üçin şu aşakdaky usuly we amaly işler ýerine ýetirilýär:

- gurluşykda nyrh emele getiriş boýunça täze usuly resminamalar işlenilip taýýarlanylýar;
- Türkmenistanyň çägindäki döwlet we hususy kärhanalar tarapyndan öndürilýän önümleriň we desgalaryň bahasynyň hasaplaýyşyna seretmek we olary seljermek boýunça işler geçirilýär;
- girewine karz pul alnan ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygynyň bahasynyň seljerişi geçirilýär;
- häzirki zaman tilsimatlary we täze çig mallary ulanmak bilen gurluşyk we abatlaýyş işleri geçirilende gurluşyk çig mallarynyň sarp edilmeginiň kadalaryna seredilýär we olar ylalaşylýar;
- gurluşyk önüminiň bahasyna yzygiderli gözegçilik edilýär;
- gurluşygyň bahasy kesgitlenilende hereket edýän kanunçylygy ulanmagyň meseleleri boýunça guramalara maslahat berilýär.

Usulyýet, nyrh emele getiriş we çykdajy ölçegleri işlenilip taýýarlananda ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň öňdebaryjy iş tejribesi peýdalanylýar.

Döwlet müdirligi tarapyndan Usulyýet, nyrh emele getiriş we çykdajy ölçegleri döwlet müdirliginiň hünärmenleri öz işlerinde maglumatlar çeşmesi bolan Internet ulgamyndan giňişleýin peýdalanýarlar.

Döwlet müdirliginde köpýyllyk iş tejribesi bolan hünärmenler zähmet çekýärler. Işgärleriň arasynda halypalar bilen bir hatarda, birnäçe sowatly ýaş hünärmenleriň hem zähmet çekmegi, halypa işgärleriň öz bilimlerini we iş tejribelerini ýaşlara öwretmegi, jogapkärli tabşyryklary ýaşlara ynanmaklary örän guwançlydyr.

Türkmenistanlylaryň ýaşaýyş derejesini we hal-ýagdaýyny mundan beýläk has-da ýokary götermek üçin Türkmenistanyň gurluşykçylarynyň öňünde goýlan borçlaryny durmuşa geçirmek maksady bilen gönükdirilen möhüm işleri çözmeklige Usulyýet, nyrh emele getiriş we çykdajy ölçegleri döwlet müdirliginiň işgärleri öz goşantlaryny goşmaga çalyşýarlar.

**Kemal ALLABERDIÝEW,**
**Usulyýet, nyrh emele getiriş we çykdajy ölçegleri döwlet müdirliginiň gurluşyk kadalary bölüminiň müdiri.**

# TÜRKMENISTANYŇ GURLUŞYK WE BINAGÄRLIK PUDAGYNDAKY TASLAMA IŞLERINDE INNOWASIÝA

Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan uly üns berilmegi netijesinde, önümçilige kompýuter we innowasion tehnologiýalary, interaktiw usullary ornaşdyrmakda uly işler alnyp barylýar. Bu mümkinçilikleriň döremegi ýurdumyzda inženerler tarapyndan taslama işleriniň gysga wagtda, tygşytly we ýokary hilde taýýarlanylmagyna uly goldaw bolup durýar. Ýurdumyzda alnyp barylýan senagat we durmuş maksatly binalaryň we desgalaryň gurluşygynyň taslamalaryny taýýarlamakda häzirki zaman tehnologiýalary giňden ulanylýar. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, häzirki zaman şertlerinde islendik döwletiň kuwwatly gülläp ösmegi, ilkinji nobatda, ylmyň we tehnologiýanyň ösüşi, milletiň aň-paýhas derejesi bilen kesgitlenilýär.




Obýekti gurmagyň taslamasy: obýektiň göwrüm-meýilleşdiriş we kompozision–estetiki gurluşy, onuň tehniki–ykdysady görkezijileri, möhletleri, usullary we gurulmaly ýeri baradaky doly düşünjäni berýän resminamalaryň jemidir. Bu resminamalaryň aglaba bölegi çyzgylardyr, olary ýerine ýetirmeklik örän köp zähmet talap edýän işleriň biri bolup durýar. Şonuň üçin, binagärlik–gurluşyk taslamasynyň netijeliligini hilini ýokarlandyrmak baradaky meseläni çözeninde, binagärlik, ykdysady we tehniki häsiýetli soraglaryň bir hatarynda taslamanyň grafiki böleginiň hiliniň ýokarlanmagyny we onuň işläp taýýarlanmagynyň möhletleriniň azaldylmagy ýaly soraglara hem seredilýär.

Biziň ýurdumyzda gurluşyk çyzgylaryny we beýleki taslama resminamalaryny ýerine ýetirmekligiň kadalary we talaplaryň standartlaşmasy hem-de unifisirlemesi pudagynda uly işler alnyp barylýar. Bu pudakda has wajyp işleriň sanawyna konstruktor resminamalarynyň birlik ulgamynyň (KRBU) standartlarynyň döredilmegini, önümçilik, ýaşaýyş hem-de jemgyýetçilik binalarynyň we desgalarynyň gurluşyk iş çyzgylarynyň düzümi we soňky şekilini taýýarlamak baradaky wagtlaýyn gözükdirijileriň taýýarlanylmagyny mysal getirseň bolar.

Buýrujynyň (häkimlikler, ministrlikler, edaralar, hususy kärhanalar we beýlekiler) we ýerine ýetirijiniň (taslamaçylar) bilelikdäki işiniň birinji tapgyry, bar bolan ýagdaýyň derňewini we düýpli meseleleriň iň amatly çözgüdini tapmak bolup durýar. Başlangyç tapgyr deslapky maglumatlary ýygnamagy öz içine alýar: obýekti derňemek, ölçeg işlerini geçirmek (obýektiň durky täzelenen ýagdaýynda), ygtyýarlykdaky taslama resminamalary bilen tanyşmaklyk (taslama işi, bütewi tehniki talaplar, TGK — Türkmenistanyň gurluşyk kadalaryna laýyklygy, elýeterli tehnologik enjamlaryň we önümleriň tehniki pasportlary, şähergurluşyk meýilnamasy, obýektiň baş meýilnamasy we başgalar). Deslapky maglumatlaryň esasynda derňew amala aşyrylýar we taslama meseleleriniň sanawy bilen tehniki tabşyryk düzülýär. Hil taýdan gowy ýerine ýetirilen taslama derňewi taslamaçynyň ýa-da taslama toparynyň geljekdäki işiniň netijeliligi üçin ugrukdyrýan nokat bolýar.

Köp zähmet talap edýän tapgyrlaryň biri hem eskiz-taslamasyny taýýarlamakdyr. Tehniki tabşyrygyň we taslama meseleleriň çägindäki görnüşlerden seçip alma usuly bilen mümkin bolaýjak çözgütleri amala aşyrmakdyr. Görnüşleriň gowusynyň esasynda eskiz-taslamasy ýerine ýetirilýär, ol esasy proýeksiýalary, obýektiň düwünlerini we şaýlaryny, meýilnama-shemalaryny, 3D-janly şekillendirmäni öz içine alýar. Buýrujy bilen ylalaşylan eskiz-taslamasy taslamaçylaryň (binagär, gurnawçy-inženeri, tilsimat-inženeri we başgalar) soňraky işlerinde ugrukdyryjy bolup hyzmat edýär .

Taslamaçylar taslama derňewiniň esasynda iň amatly çözgütleri gözleýärler. Taslamanyň dowamynda kada bolşy ýaly, ykdysady amatlylygy, gurnawlyk, şähergurluşyk we binagärlik nukdaýnazarlygy diýen soraglary gozgalýar, bu bolsa belli bir derejedäki taýynlygy we tejribeliligi talap edýär. Obýektleri, şaýlary we düwünleri işläp düzmek häzirki zaman taslamalarynda 3 ölçegli modulirleme arkaly alnyp barylýar,



gysga wagtyň dowamynda oýlanyşykly, ýokary hilli islendik çylşyrymlylykdaky taslama çözgütlerini çykarmaga mümkinçilik berýär, bu bolsa önümçilik ulgamyndaky el zähmetiniň paýynyň az ulanmagyna getirýär.

Iş taslamasynyň işlenip taýýarlanylýan döwri esasy we jogapkärçilikli tapgyr bolup durýar. Iş çyzgylarynyň ýygyndysyny ýerine ýetirme, barlag, ulanma, abatlama we gaýtadan ulanmaklyk ýaly ýagdaýlarda bar bolmagy hökmanydyr.

3D gurnawlylygy – iş taslamalarynda desganyň göwrüm şekilini döretmekdir, bu bolsa häzirki wagtda gurluşyk we binagärlik pudagyndaky islendik taslama işleriniň wajyp bölegi bolup durýar. Täze desgany döretmekde (önümi, düwüni, şaýy) şeýle hem bar bolanlaryň durkuny täzelemekde 3D gurnawlylygy taýsyz bolup durýar. 3D gurnawlygy taslamaçynyň işiniň aýrylmaz bölegidir. 3D şekiliň bolmaklygy binagäriň we inžener gurnawçynyň mümkinçiliklerini artdyrýar. Ol:

- desganyň gutarnykly görnüşini döretmäge;

- desganyň hakyky şertlerdäki makedini almaga (hyýaly şekili hakyky landşaftyň üstüne goýma netijesi arkaly);

- gysga wagtda desganyň islendik özleşdirme nokadyndan şekilini almaga;

- ýylyň we gije-gündiziň islendik wagtynda islendik synlama burçundan hakyky yşyklandyrma bilen desganyň realistik şertlerini döretmäge;

- talap edilýän görnüşleriň, reňkleriň we fakturalaryň sazlaşygyny seçip almagy ýeňilleşdirmäge;







- gysga möhletde binagäriň we inženeriň doly iş taslamasynyň resminamalaryny almaga;

- gerek bolan mahalynda, taslamanyň düzümine üýtgetmeleri çalt girizmäge;

- desganyň aýratyn parçalarynyň, düwünleriniň we şaýlarynyň üç ölçegli şekillerini ýeňillik bilen almaga;

- gurnawlaryň gurnalmasyny we sökülmesini gezekleşdirip wideoşekilini döretmäge;

- 2-ölçegli taslama işinde ýüze çykýan bolup biljek ýalňyşlardan gaça durmaga ýardam edýär.

- üç ölçegli grafikada gurnawlamak – bu parallel proýeksiýalaryň (giňişlik şekilini tekizlikde şekillendirmek) kömegi bilen çyzgyda gurnawlygy şekillendirmegiň usulydyr;

- 3D grafika (üç ölçegdäki şekiller), 3 ölçeg – usullaryň we abzallaryň jemi (programmalaryň we apparatlaryň), obýektleriň göwrüm şekilleri üçin niýetlenen.

**Baýrammyrat ANNAMYRADOW,**
**Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň aspiranty.**

# TÜRKMEN BINAGÄRÇILIGINIŇ TARYHY



Türkmenistanyň baý we gadymy binagärçilik mirasy bar. Etnografik öwrenişleriň we arheologik gazuw agtaryşlarynyň netijeleri, häzirki döwürlerde we IX-XII asyrlarda ýa-da soňky döwürlerde, GünortaTürkmenistanyň Merw, Peşan, Daňdanakan, Amul, Zemm, Saragt, Mehne, Abyward, Kufen, Nusaý, Ýazyr, Dehistan, Ahur we beýleki ululykiçili şäherleri, Demirgazyk Türkmenistanyň Köneürgenç, Zamahşar, Wezir we beýleki şäherleri uly ösüşde bolupdyrlar. Türkmenistandaky şäher-kentler şol döwürde medeniýetiň, binagärçiligiň, sungatyň, ylmyň dürli ugurlarynyň juda gülläp ösen ýeri hasaplanylypdyr.

Ýurdumyzyň Mary welaýaty taryhy ýerlere baý ülkedir. Soňky zamanlarda alymlar tarapyndan Garagum çölüniň çägeleriniň jümmüşinde Murgap derýasynyň gadymy akymynyň ugrunda ýaşan köne döwür ilatynyň ýaşan mesgenlerini öwreniş işleri geçirilipdir. Murgabyň gadymy akymynyň ýakalaryny özleşdirmäge synanyşyklar mis-daş (eneolit) döwründäki (miladydan öňki IV müňýyllyk) günorta Türkmenistanyň ýerli taýpalaryna degişli bolupdyr. Soňky şowly synanyşygy, tanymal alym W.I. Sarianidi has giçki eýýama, akkad döwrüne (miladydan öňki 2250-2000 ýyllara) degişli edýär, belki has düýpli ylmy öwrenilişler alnyp barylsa, bu ýerde ondan biraz irräkki ýaşaýyş mesgenleriniň hem üsti açylmagy mümkin.

Bu ýurt Mesopotamiýa bilen Hind derýasynyň arasyndaky çäklerinde agalyk eden we bütin ýakyn Gündogaryň ykdysadyýetinde, şeýle hem medeniýetinde möhüm orny eýelän gadymy ýurt bolupdyr. W.I. Sarianidi: «Köp sanly ägirt uly köşkler, belent ymaratlar, şa gonamçylygy, iň baý gonamçylyklar, gadymy sungat eserleri özleriniň ähli geň galdyryjy täsinlikleri bilen bu ýerde ozal mälim bolmadyk dünýä medeniýetiniň gadymy merkeziniň bolandygyna ynandyryjylykly şaýatlyk edýärler. Ol «Merkezi Aziýa» diýlip atlandyrmagyň hakyky hukugyna eýedir» diýip belleýär. Häzirki döwürde Gadymy Mary topragynyň dünýäniň başinji gadymy siwilizasiýasynyň ýerleşen ýeridigi dünýä alymlary tarapyndan ykrar edildi. Bu örän buýsandyryjy hadysadyr.

Gadymy galalara baý bolan orta asyr Merwiniň binagärçilik eserleriniň hatarynda: Sahabalaryň, Muhammet ibn Zeýdiň, Gyz bibiniň guburlarynyň üstünde gurlan kümmetleri, Hoja Ýusup Hemedanynyň gubury we metjidini, Uly gyz gala we Kiçi gyz gala ýaly köşk binalaryny, orta asyr Merw welaýatynyň çäklerinde ýerleşen Talhatan baba metjidini, Ymam Bekiriň gubuhana kümmetini (Ýolöten etraby), Gök gümmez kümmetlerini (Sakarçäge etraby) we beýleki binalary görkezmek bolar.

Gadymy Ahal topragy hem taryhy ýerlere baý toprakdyr. Munuň şeýledigini, takmynan 6-3 müň ýyl mundan ozalky zamanlary öz içine alýan arheologiki döwür bolan täze daş (neolit) döwrüne degişli Jeýtun taryhy-arheologik ýadygärligi, Kaka demir ýol beketiniň ýakynynda ýerleşen Namazga depe, Duşagyň günortasynda ýerleşen Ýasy depe, Mänäniň ýakynynda ýerleşen Altyn depe, Aşgabadyň ýakynynda ýerleşen Ak depe, Gäwersiň ýakynynda ýerleşen Gara depe, Gowşut beketiniň ýakynynda ýerleşen Ýelken depe, Yzgant obasynyň ýakynynda ýerleşen Daşly depe, Ahal obasynyň ýakynynda ýerleşen Pessejik depe, Tejen ýakynlarynda ýerleşen Göksüýri, gadymy dünýä ak bugdaýynyň däneleriniň tapylan we ynsanlaryň ýerleşiş mesgenleri boýunça dürli taryhy döwürleri öz içine alýan (Änew-I, Änew-II /m.ö. IV-III müňýyllyklar/, Änew-III /m.ö. II müňýyllyk/, Änew-IV, /m.ö. VI-III asyrlar/, orta asyr Bagabady) Änew taryhy ýeri, Parfiýa döwletiniň patyşalarynyň dogduk watany we syýasy merkezi bolan Nusaý taryhy ýeri, «Abywerdi», «Bawerdi» ýaly nisbalary göteren beýik şahsyýetleriň watany — Abyward, «Sarahsy» nisbasyny göteren beýik şahsyýetleriň watany — Saragt, meşhur «Mehneýi» nisbasyny göteren beýik alymlaryň watany — Mäne we beýlekiler ýaly orta asyr taryhy ýerleri hem görkezýär. Ahal welaýatynda saklanyp galan binagärçilik eserleriniň hatarynda: Abusagyt Abulhaýr Mehneýiniň, Abulfazl Sarahsynyň, Gaýypguly Gerçek, Patyşa Hoja guburhana kümmetleriniň binalaryny, Saragtdaky Ýartygümmez binasyny we beýlekileri görkezmek bolar.

Türkmenistanyň dünýä meşhur taryhy ýerlere baý künjekleriniň biri hem Daşoguz welaýatynyň gadymy topragydyr. Miladydan öňki döwürlere degişli Horezmiň gadymy ýadygärliklerini, orta asyrlary mysal alanymyzda, türkmenleriň taryhda möhüm yz goýup giden uly döwletleriniň biri - Köneürgenç türkmenleriniň şadöwletiniň paýtagt şäheri bolan «Gürgenç» (häzirki ady «Köneürgenç») taryhy ýerini, Yzmykşir taryhy ýerini, Döwkesen taryhy ýerini, Diýarbekir taryhy ýerini we beýleki taryhy ähmiýeti uly bolan ýerleri Daşoguzyň mysalynda görkezmek bolar. Daşoguzyň binagärçilik eserleriniň hatarynda: Soltan II Arslan Horezmşanyň, Soltan Tekeş Horezmşanyň, Şeýh Nejmeddin Kubranyň, Soltan Alynyň, Törebeg hanymyň, Seýit Ahmediň, Pirýar Weliniň, Mätkerim işanyň, Ysmamyt atanyň guburlarynyň üstünde gurlan kümmetleri, Gutly Temiriň metjidiniň uzyn minarasy, Gülgerdan atly ymaratyň galyndysy, gadymy juma metjidiniň galyndysy, Ibn Hajybyň guburhanasy we medresesi, gadymy binanyň galyndysy bolan atsyz depe, «Daşmetjit», Kyrkmolla galasy, ýykylan ýene-de bir juma metjidiniň minarasynyň galyndysy bolan Kelte minara, gadymy derweze, Akgala we Horezmbag we beýleki binalary agzap bileris.

Türkmenistanyň günbatarynda ülkämiziň gözel künjekleriniň biri bolan Balkan welaýaty ýerleşýär. Balkan welaýaty hem ülkämiziň meşhur taryhy ýerlerine baý künjegidir. Balkanyň taryhy ýerleri hökmünde, Balkan dagyndaky irki daş eýýamynyň (paleolitiň) ilkidurmuş taryhy ýadygärliklerini, Dehistan (Maşat-Missrian) taryhy ýerini, orta asyr Paraw (Ferawe) taryhy ýerini, «Diklidaşlaryň» goýlan dürli ýerlerini, Etrek etrabyndaky (Baýat hajy) taryhy ýeri, Gözli ata zyýarathanasynyň ýerleşen ýerini, Magtymguly etrabyndaky binagärlik ýadygärlikleriniň bolan ýerlerini we beýleki taryhy ymaratlaryň bar bolan ýerlerini görkezmek bolar.

Balkan welaýatynyň binagärçilik ýadygärlikleriniň hatarynda: Misriandaky Soltan Muhammet ibn Tekeş Horezmşanyň metjidiniň peştagyny we minarasyny, «Maşat ata» ýa-da «Şirkebir ata» atlandyrylýan metjidi, Maşat gonamçylygyndaky kümmetleriň binalaryny, Misrianyň demirgazykdaky minarasyny, Parawbibi kümmetini, Öwezberdi şyhyň, Magtym-Mugezzemiň, Şyh Attaryň guburhana kümmetlerini we beýleki binalary görkezmek bolar.

Gadymy Lebap topragy-da Türkmenistanyň taryhy ýerlerine baý künjegidir. Lebabyň taryhy ýerlerini, bu welaýatyň Amul taryhy ýeri, Zemm taryhy ýeri, Daýa hatyn kerwensaraýynyň bolan ýeri, Birata etrabyndaky binagärlik ýadygärlikleriniň, Halaç etrabynyň binagärlik ýadygärlikleriniň, Astanababadaky (Atamyrat etrabyndaky) binagärlik eserleriniň we beýleki taryhy gymmatlyklaryň bar bolan ýerleriniň mysalynda görüp bolar. Lebap welaýatynda saklanyp galan binagärçilik eserleriniň hatarynda: Daýa Hatyn kerwensaraýyny, Astanababanyň, Alamberdaryň, Abu Müslim Horasanynyň kümmetleriniň binalaryny, Idris babanyň medresesiniň we beýleki medreseleriň binalaryny görkezmek bolar.

Kanunda milli taryhy-medeni mirasyň geografik

ýerleşişi, hukuk statusy, mukdar we hil häsiýetnamalary we obýektlere baha bermek hakynda täzelenýän maglumatlardan we resminamalardan duryan maglumatlar bankyny özünde jemleýän döwlet maglumat ulgamy hökmünde Türkmenistanyň milli taryhy-medeni mirasynyň obýektleriniň Döwlet reýestri barada düşünje berilýär.

Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini aýap saklamagyň meselelerine: olaryň aýap saklamak boýunça çärelere; taryhy we medeni ýadygärlikleriň gazyp agtaryşlaryny we barlaglaryny geçirmeklige, Reýestre girizilen aýratyn taryhy, ylmy, çeperçilik ýa-da beýleki medeni gymmaty bolan milli taryhy-medeni mirasyň obýektleriniň ýerlerinde aýratyn goralýan taryhy-medeni ýerleri döretmek baradaky düzgünler barada düşünje berilýär. Aýratyn goralýan taryhy-medeni ýerler Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan döwlet taryhy-medeni goraghanalar, taryhy obalar görnüşinde we beýleki görnüşlerde döredilýär.

Ýurdumyzyň medeniýetini ösdürmek, onuň däplerini aýawly saklamak we dowam etmek, bu ulgamy şu günüň talaplaryna hem-de biziň ýurdumyzyň dünýäniň medeni giňişligine aralaşmagynyň wezipelerine gabat gelýän täze, häzirki zaman derejä çykarmak baradaky hormatly Prezidentimiziň tagallalaryna jogap edip, ony kanunçylyk taýdan üpjün etmek üçin ülkämizde görülýän çäreler Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen halkynyň täsin medeni mirasyny gorap saklamaga, ony hemmetaraplaýyn we çuňňur öwrenmek üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Merkezi Aziýa sebiti, köp sanly ululy-kicili döwletlerini guran ildeşlerimiziň ýaşan hem-de ýaşaýan topragydyr. Bu sebitde ýerleşen Türkmenistanyň Garaşsyz döwlet bolmagy bilen şan-şöhratly türkmen taryhynyň täze bir sahypasy açyldy. Haçanda bir ýurtda uly özgerişlik bolup geçse, şol ýurduň halky geçmiş taryhyna ýüz urýar, ata-babalarynyň taryh içinde bitiren işlerini, ýaşaýan ülkesiniň geçmişini, şol geçmişden galan taryhy ýerlerini tanamaklyga çalyşýar we öwrenip ugraýar. Ildeşlerimiz bu maksat bilen ülkämiziň dürli künjeklerindäki taryhy ýerlere medeni syýahatçylygy hem amala aşyrýarlar, binagärçilik ýadygärlikleri öwrenilýär.

**Kakajan BAÝRAMOW,**
**Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň**
**Arheologiýa we etnografiýa institutynyň**
**uly ylmy işgäri.**

**TÜRKMENISTANYŇ GURLUŞYGY WE BINAGÄRLIGI**

TG we BM

ESASLANDYRYJYSY – TÜRKMENISTANYŇ GURLUŞYK WE BINAGÄRLIK MINISTRLIGI

«Türkmenistanyň gurluşyk we binagärlik» jemgyýetçilik-syýasy we ylmy žurnaly. Çärýekde bir gezek çykýar.

**Baş redaktor: Ýazgül EZIZOWA**

**Redaksiýanyň salgysy:**
744036, Türkmenistan, Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 84.
**Telefonlary:** (+993.) 12 44-47-28,
E-mail: turkmengurlushyk@online.tm
Golýazmalar, fotosuratlar yzyna gaýtarylmaýar hem-de olara jogap we syn berilmeýär.
Ýygnamaga berildi – 19.11.2014
Çap etmäge rugsat edildi – 23.01.2015
Neşir N1. Sany–10000. A–82104.
Ölçegi 60x84 1/8 Ofset usulynda çap edildi. Çap listi 5.
Şertli reňkli ottisk 7.
Hasap neşir listi 7,9.
Sargyt N158.
**Bahasy 6 manat.**

**Žurnalda G.Garaýewiň, H.Magadowyň, A.Müllikowyň düşüren suratlary ulanyldy.**